TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– BIZIŇ SYÝASY-DIPLOMATIK ULGAMDAKY HYZMATDAŞLYGYMYZ TUTUŞ AZIÝADA GEOSYÝASY ÝAGDAÝA OŇYN TÄSIR EDÝÄR, DURNUKLY WE UZAK MÖHLETLI PARAHATÇYLYK, DURNUKLYLYK, HOWPSUZLYK ÜÇIN ŞERTLERI DÖRETMÄGE ÝARDAM BERÝÄR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
20-nji iýun, 2025. Belgisi 25/1643




# SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÖZBOLUŞLY NUSGASY

*17-nji iýunda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Astanada geçirilen «Merkezi Aziýa – Hytaý» sammitine gatnaşdy.*

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň başlyklyk etmeginde geçirilen ýokary derejedäki duşuşyga Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar. Sammitiň gün tertibine sebit hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmak, syýasy dialogy giňeltmek, söwda-ykdysady gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, ulag, energetika, innowasiýalar ulgamlarynda özara hereketler bilen bagly meseleler girizildi.

Prezident Kasym-Žomart Tokaýew sammite gatnaşyjylary mübärekläp, bu ýokary derejeli duşuşyga gatnaşýandyklary hem-de sebit hyzmatdaşlygyny yzygiderli goldaýandyklary üçin döwletleriň Baştutanlaryna tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi. Ol Merkezi Aziýa döwletleriniň we Hytaýyň arasyndaky ynanyşykly gatnaşyklaryň, bilelikdäki tagallalaryň netijesinde hoşniýetli goňşuçylyga, dostluga, birek-birege goldaw bermäge esaslanýan hyzmatdaşlygyň özboluşly nusgasynyň kemala gelendigini aýtdy. Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz bildirilen myhmansöýerlik üçin Türkmenistanyň wekiliýetiniň adyndan Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlygyny beýan edip, şu gezekki duşuşygyň Sian şäherinde geçirilen sammitde beýan edilen wajyp pikirleri we teklipleri, onuň jemleri boýunça kabul edilen Sian Jarnamasyny pugtalandyrmaga we ösdürmäge gönükdirilendigini aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, Merkezi Aziýa döwletleri we Hytaý yklym hem-de sebit prosesleriniň möhüm gatnaşyjylary hökmünde çykyş edýärler. Biziň syýasy-diplomatik ulgamdaky hyzmatdaşlygymyz tutuş Aziýada geosyýasy ýagdaýa oňyn täsir edýär, durnukly we uzak möhletli parahatçylyk, durnuklylyk we howpsuzlyk üçin şertleri döretmäge ýardam berýär. Hyzmatdaşlygyň bu formaty pikir alyşmak, daşary syýasat edaralarynyň ugry boýunça tagallalary utgaşdyrmak, iri halkara meýdançalarda hem-de forumlarda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynda, birnäçe sebit düzümlerinde özara ylalaşylan diplomatik kararlary kabul etmek üçin yzygiderli gurallaryň bolmagyny şertlendirýär. Daşary syýasat ulgamynda, dünýädäki häzirki ýagdaýy nazara almak bilen, Türkmenistanyň BMG-niň howandarlygynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjyna ähmiýet berilmegini teklip edýäris. Bu resminamanyň syýasy, hukuk we dünýägaraýyş esaslary şu formata gatnaşyjylaryň geljekki ösüş hem-de ählumumy prosesler babatda konseptual çemeleşmelerine, garaýyşlaryna laýyk gelýär diýip pikir edýärin. Hususan-da, gürrüň dünýä gatnaşyklarynda ösüp barýan ýurtlaryň eýeleýän orny, öňüni alyş diplomatiýasynyň, Bitaraplyk ýörelgeleriniň, beýleki parahatçylyk döredijilik we gepleşik meýdançalarynyň ulanylmagy barada barýar diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de BMG-niň Baş Assambleýasynyň öňümizdäki ýubileý sessiýasynyň dowamynda şu formatyň çäklerinde Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak boýunça geňeşmeleri geçirmegi, onuň esasy düzgünlerini ara alyp maslahatlaşmagy teklip etdi. Hormatly Prezidentimiz bu işi Aziýa toparyndaky hyzmatdaşlar bilen başlamagyň, soňra geňeşmelere gatnaşyjylaryň düzümini giňeltmegiň maksadalaýyk boljakdygyny belläp, sammite gatnaşyjylar bu teklibi goldasa, türkmen tarapynyň minnetdar boljakdygyny aýtdy.

Nygtalyşy ýaly, Türkmenistan ulag ulgamynda Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek üçin giň mümkinçilikler bar diýip hasaplaýar. Türkmenistanyň «Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek» strategiýasynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň esasy orny göz öňünde tutulýar. Biziň pikirimizçe, bu strategiýanyň Hytaýyň «Bir guşak, bir ýol» başlangyjy bilen utgaşdyrylmagy milli ulag-logistika mümkinçiliklerini ýakynlaşdyrmaga we olary umumy bähbitler üçin ulanmaga ýardam berer. Biziň döwletlerimize bu ählumumy başlangyçda möhüm orun degişlidir. Häzirki günde Aziýa – Ýuwaş umman sebitiniň, Günorta we Merkezi Aziýanyň, Orta hem Ýakyn Gündogaryň çäklerini gurşap alýan döwrebap ygtybarly we toplumlaýyn ulag-logistika ulgamyny döretmek üçin tagallalary birleşdirmäge diňe bir şertler däl, eýsem, zerurlyk hem bar.

Türkmenistan biziň formatymyzyň çäklerinde energetika ulgamynda hyzmatdaşlygy giňeltmek ugrunda-da çykyş edýär we munuň üçin oňyn şertler bar diýip hasaplaýar diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi hem-de ýurdumyzyň türkmen tebigy gazynyň iberilmegini diwersifikasiýalaşdyrmak meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga taýýardygyny tassyklady. Elektroenergetika hem energetika hyzmatdaşlygynyň möhüm bölegi bolup durýar. Bu babatda Türkmenistan elektrik energiýasynyň iberilýän ugurlaryny we möçberlerini artdyrmak ugrunda çykyş edýär. Şeýle-de söwdanyň, telekeçiligiň höweslendirilmegi, dürli ugurly bilelikdäki kärhanalaryň döredilmegi Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hytaýyň bilelikdäki ykdysady ösüşinde möhüm orun eýeleýär.

Döwlet Baştutanymyz innowasion hyzmatdaşlyk barada belläp, Türkmenistanyň hytaýly hyzmatdaşlar tarapyndan bu ugra has uly üns berilmegine umyt edýändigini aýtdy hem-de emeli aňy ulanmak, hemra we kosmos ylmy-barlag işlerini geçirmek, sanlylaşdyrmak, maglumat platformalary, programma üpjünçiligi ýaly birnäçe tehnologik ugurlar boýunça bilelikdäki maksatnamalaryňdyr taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň özara ykdysady hyzmatdaşlygyň netijeliligini ýokarlandyrjakdygyna, beýleki bir tarapdan, Merkezi Aziýanyň çäginde tehnologik hyzmatlaryň durnukly bazaryny döretmäge, hünärmenleri we tejribeleri alyşmaga, milli tehnologik mekdepleri çalt depginde ösdürmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi. Bu strategik wezipe Merkezi Aziýanyň hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda bilelikdäki ösüşiň uly taslamasynyň çäklerindäki gatnaşyklaryň geljegine maýa goýumdyr. ■ 2

## BITARAPLYK ÝOLY – dünýä nusgalyk göreldämiz

*Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Diýarymyzyň her bir güni parahatçylyga, asudalyga beslenýär. Her bir ynsanyň durmuşynda bolup geçişi ýaly, halkyň, döwletiň ykbalynda hem ýatdan çykmajak pursatlar, wakalar bolup geçýär.*



Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatsöýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we däpleri döwletimiziň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň özeni bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasyny amala aşyrmakdaky uly üstünlikler, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we umumadamzat ösüşlerine dahylly meseleleriň oňyn çözgütlerini tapmakda milli Liderimiziň alyp barýan syýasaty dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylýar.

1992-nji ýylyň 2-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 46-njy sessiýasynyň 82-nji mejlisinde Türkmenistanyň bu Guramanyň deňhukukly agzalygyna kabul edilýändigi hakynda karar kabul edildi. ■ 2

## ÝURDUMYZYŇ PAWILÝONY iň köp barylýan meýdançalaryň birine öwrüldi

*Şu ýylyň 13-nji aprelinde Ýaponiýanyň Osaka prefekturasyndaky Ýumesima emeli adasynda açylan «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisindäki ýurdumyzyň pawilýony iň köp barylýan pawilýonlaryň birine öwrüldi.*



«EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisinde ýurdumyzyň parahatçylygyň mizemez köprüsi hökmünde gazanan üstünlikleri barada giňişleýin maglumat almak bolýar. Täsin hem özüneçekiji sergide ýurdumyzyň taryhy gymmatlyklaryny synlamak, türkmen myhmansöýerliginiň esasynda türkmen saçagy bilen bezelen ýörite meýdançalarda dynç alyp, wagtyňy gyzykly geçirmek bolýar. Ýurdumyzyň pawilýony «Durmuş mümkinçiliklerini giňeltmek» mowzukly zonada A32 ýer böleginde ýerleşip, üç gatdan ybarat pawilýon ýokardan seredeniňde ýumşak üçburç görnüşe eýedir. Bu aýratyn şekil täzelenişi, durnukly ösüşi we ýaşaýşyň akymyny aňladýar. Şeýle-de pawilýonyň binagärlik çözgüdi onuň daş-töweregindе tebigy mikroklimaty emele getirip, tomus aýlarynda myhmanlara salkyn we amatly gurşawy üpjün edýär. ■ 3

# TÜRKMEN TÜRGENLERINIŇ HALKARA ÝARYŞDAKY ÜSTÜNLIGI

*16-18-nji iýunda paýtagtymyzda Ýewropanyň we Aziýanyň 11 ýurdundan türgenleriň gatnaşmagynda küşt boýunça halkara ýaryş geçirildi.*

Küşt boýunça halkara ýaryşa Türkmenistandan, Wýetnamdan, Hindistandan, Eýrandan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Malaýziýadan, Russiýadan, Täjigistandan, Tailanddan, Özbegistandan 8, 10 we 12 ýaşlaryndaky 129 türgen gatnaşdy. Aşgabatda üç günläp dowam eden halkara küşt ýaryşynyň dowamynda rapid we blitz görnüşleri boýunça oglanlaryň we gyzlaryň arasynda üç ýaş derejesinde, 12 medallar toplumy ugrunda ýaryşlar geçirildi. Rapid görnüşinde oýunçynyň her göçümine 10 sekunt goşmak bilen, 15 minut wagt berilýär. Küştüň çalt oýnalýan blitz görnüşinde bolsa her göçüme 2 sekunt wagt goşmak bilen, her oýna 3 minut wagt berilýär.

18-nji iýunda Arkadag şäherindäki «Märkaw» myhmanhanasynyň toý mekanynda halkara ýaryşa gatnaşyjylara Gahryman Arkadagymyzyň adyndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň sowgatlarynyň gowşurylyş dabarasy boldy.



Dabaranyň öňüsyrasynda paýtagtymyzdaky Ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdebinde ýaryşyň jemleri jemlenip, onuň ýeňijilerine medallaryň gowşurylyş dabarasy geçirildi. Ýaryşa gatnaşan küştçüleriň görkezen oýunlary netijesinde olaryň toplan utuklary boýunça orunlar kesgitlenende, Türkmenistana wekilçilik eden ýaş zehinli oglan-gyzlar aýratyn tapawutlanmagy başardylar.

Sportuň küşt görnüşi boýunça 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda geçirilen halkara ýaryşda rapid görnüşi boýunça umumy medal hasabyndan belli bolşy ýaly, Türkmenistana



wekilçilik eden ýaş küştçüler 3 altyn, 4 kümüş, 3 bürünç - jemi 10 medal gazanyp, birinji orna mynasyp boldular. Şeýle-de ikinji orna 2 altyn, 2 kümüş - jemi 4 medal bilen Özbegistan Respublikasynyň, üçünji orna 1 altyn, 1 bürünç - jemi 2 medal bilen Gazagystan Respublikasynyň türgenleri mynasyp boldular.

Şunda 8 ýaşly gyzjagazlaryň arasynda 8 utuk toplan özbegistanly Zarina Larina altyn, Türkmenistandan 7 utuk toplan Bägül Jumaýewa kümüş, Gazagystandan 6 utuk toplan Amira Alemanowa bürünç medal gazanmagy başardylar. 10 ýaşly gyzlaryň arasynda Türkmenistandan Läle Wepaýewa 8 utuk bilen altyn, Özbegistandan Zarina Nematjonowa 7 utuk bilen kümüş, Türkmenistandan Dünýä Ruslanowa 6,5 utuk bilen bürünç medala mynasyp boldular. 12 ýaşly gyzlaryň arasynda bolsa hemme baýrakly orunlar türkmen küştçüleriniň hasabyna ýazyldy. Hususan-da, 8 utuk toplan Dilber Hupbyýewa altyn, 7 utuk toplan Aýa Baýramowa kümüş, 6 utuk toplan Nurana Söýünowa bürünç medal gazandylar.

8 ýaşly oglanjyklaryň arasynda Türkmenistandan Çaryhekim Çaryýew 8 utuk toplap, altyn medalyň, Özbegistan Respublikasyndan Saýfutdin Erkinboýew 7,5 utuk toplap, kümüş medalyň, Täjigistan Respublikasyndan Murodali Saifiew 6 utuk toplap, bürünç medalyň eýeleri boldular. ■ 2

## DOGANLYK ÝURTDA türkmen önümleri görkeziler

*Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän toplumlaýyn özgertmeler ýurdumyzyň innowasion ösüşine, pudaklaýyn düzümi döwrebaplaşdyrmaga, öňdebaryjy tehnologiýalary ykdysadyýetiň pudaklaryna ornaşdyrmaga gönükdirilendir.*



Ýurdumyzyň ýokary netijeli ykdysadyýetini tapgyrlaýyn döretmek, eksport kuwwatyny artdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçiligi ösdürmek, durnukly ösüş depginlerini üpjün etmegiň möhüm şerti hökmünde sanly ulgamy ornaşdyrmak wezipeleri ileri tutulýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň ençeme ýurtlar bilen, hususanda Türkiýe Respublikasy bilen alyp barýan ysnyşykly hyzmatdaşlygy täze many-mazmun bilen baýlaşýar. Türkmen-türk gatnaşyklarynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga uly ähmiýet berilýär. Ýakynda Türkiýe Respublikasynda Türkmenistanyň eksport harytlarynyň sergisi geçiriler. ■ 3


«TOYOTA» «AKYLLY» şäherini açmakçy
Ýaponiýanyň «Toyota» korporasiýasy şu ýylyň güýzünde naýbaşy taslamanyň – «Woven City» atly «akylly» şäheriniň açylyşyna taýýarlanýar. 4






ÜZÜMMI ýa-da garpyz?
Gerkin turşy hyýary ýa-da pepinos diýlip atlandyrylýan «melothria scabra» hyýarlar maşgalasynyň bir görnüşidir. 5





OWAZA ýugrulan dünýä
Türkmen milli aýdym-saz sungatynyň özboluşly owazyny dünýä meşhur eden ussatlaryň hersiniň öz ýoly bar. 6





ÇEMPIONLYGYNY goramagy başardy
Amerikan Milli hokkeý ligasy NHL-de çempion, ýagny Stenli Kubogynyň eýesi final duşuşyklarynyň altynjysynda belli boldy. 7




## Awiasiýa pudagyna bagyşlanan sergi

16-19-njy iýun aralygynda Fransiýanyň paýtagtynda «Paris Air Show 2025» atly halkara awiasiýa sergisi geçirildi. Sergä dünýäniň öňdebaryjy uçargurluşyk kompaniýalary, awiakompaniýalar we bu pudakda dürli hyzmatlary hödürleýän 2 müň 400-den gowrak kompaniýa gatnaşdy. Serginiň myhmanlary iň soňky tehnologiýa bilen üpjün edilen howa gämilerini, elektrik energiýasy bilen işleýän dürli ululykdaky uçýan enjamlary, döwrebap



kabina dizaýnlaryny we beýleki soňky tehnologiýalary görmäge mümkinçilik aldylar. Ýolagçy uçarlaryny öndürmekde dünýäde öňdeligi eýeleýän «Airbus» hem-de «Boeing» kompaniýalarynyň howa gämileri has köp ünsi özüne çekdi. Maglumatlar howa gatnawlaryna bolan islegiň geljek ýyllarda hem yzygiderli artýandygyny görkezýär. Şeýle bolansoň, serginiň çäklerinde awiakompaniýalar täze uçarlary satyn almak üçin millionlarça dollarlyk şertnamalara gol çekdiler. Serginiň çäklerinde diňe awiasiýa däl, eýsem, kosmos tehnologiýasyna degişli täzelikler hem görkezildi.

**Humaý ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## Elektrik energiýasy bilen işleýän iň uly gämi

Finlýandiýanyň «Viking Line» startapy elektrik energiýasy bilen işleýän dünýäniň iň uly gämisini öndürer. «Helios» atly äpet suw ulagynyň Helsinki bilen Tallin şäherleriniň arasynda gatnawlary amala aşyrjakdygy mälim edildi. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Ýan Hanses gäminiň dün-



ýäniň iň uly, dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ýolagçy-ulag gämisi boljakdygyny belledi. Bu gäminiň geljek onýyllygyň başynda hyzmata hödürlenmegine garaşylýar. Gäminiň uzynlygy 195 metre, ini 30 metre barabar bolar. Suw ulagy bir wagtda 2 müň ýolagçyny hem-de 650 ulagy gatnadyp biler. Gäminiň tizligi sagatda 42,5 kilometre ýetip, bir gezekki zarýady bilen göz öňünde tutulýan 80 kilometrlik aralygy geçip biler.

**Serdar DURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Arassaçylykda üns berilmeli zatlar

Tomus ýylyň iň yssy pasly hasaplanýar. Adatça öýleri salkyn saklamak üçin serginlediji işledilýär ýa-da gijelerine penjireler açylyp goýulýar. Şeýle ýagdaýda içerik tozan bölejikleri girip bilýär. Munuň öňüni almak üçin penjiräni açyp, perdäni ýapyp goýmak maslahat berilýär. Möwsüm başlamaz-



dan öň serginledijileriň hem degişli hünärmenlere arassaladylmagy unudylmaly däldir. Arassaçylyk işleri ir bilen ýerine ýetirilse has gowy bolar. Sebäbi yssyda işlenende adam has köp ýadaýar. Şeýle hem ir bilen ýuwlan zatlar günüň dowamynda yssy howada has çalt gurar. Öýler arassalanandan soňra, ýuwlan zatlaryň guramagy we otaglaryň ýelejiredilmegi üçin penjireler açylyp goýulmaly. Yssy howada bakteriýalaryň has çalt köpelýändigini nazarda tutup, aşhana has ünsli arassalanmalydyr. Sowadyjynyň içi doly boşadylyp, mazaly arassalanmaly.

**Seýdi TAÝLYÝEW,**
*Görogly etrabynyň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek bölüminiň lukman-epidemiology.*

## Tutuş interneti terjime eder

Germaniýanyň «DeepL» onlaýn terjime platformasy «Nvidia»-nyň emeli aň çiplerini ulgamyna ornaşdyrdy. Bu bolsa internetdäki ähli materiallary 18 günde terjime etmäge mümkinçilik berýär. Bu san mundan ozal 194 gün diýlipdi. Bu ösüş «DeepL»-iň «Google Translate» ýa-




ly beýleki internet saýtlary bilen bäsdeşlik etmegine mümkinçilik berer. Merkezi edarasy Germaniýanyň Köln şäherinde ýerleşýän kompaniýa «DGX SuperPOD» atly ulgamdan peýdalanýar. «DeepL»-iň wekili Stefan Mesken ylmy barlaglary geçirýänlere has ösen ulgamlary döretmek üçin has güýçli hasaplaýyş güýjüni hödürlemegi maksat edinýändiklerini aýtdy. Mesken ösen infrastrukturanyň şu ýyl çykarylan «Clarify» ýaly gurallara hem goşant goşjakdygyny belledi. «Clarify» teksti terjime edeninde, sözlemleriň arasyndaky baglanyşyklara anyk düşünmek üçin ulanyja sorag berýär.

**Irina TIMOFEÝEWA,**
*Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Magtymguly adyndaky kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*

## Kömür şahtalarynyň ýerine guruljak Gün panelleri has önjeýli bolar

Dünýäde daşky gurşawy aýawly saklamak bilen bagly tagallalar has arassa energiýa çeşmelerinden peýdalanmaga höwes döredýär. Ösen tehnologiýa elektrik energiýasyny Günden we ýelden almagyň adaty usullardan has arzan bolmagyna mümkinçilik berýär. «Global Energy Monitor» atly maslahat beriş kompaniýasynyň taýýarlan maglumatyna görä, 2020-nji ýyldan bäri jemi 312 kömür şahtasy ýapylypdyr. Uzak ýyllaryň dowamynda



kömür çykarylan bu ýerleriň umumy meýdany 2 müň 89 inedördül kilometre deň bolup, bu görkeziji Lýuksemburgyň meýdanyna barabardyr. Bu ýerlerde önümçilik kuwwaty 103 Gigawat boljak Gün beketlerini gurmak bolar. Şeýle hem 2030-njy ýylyň ahyryna çenli çig malyň gutarmagy sebäpli ýapylmagy göz öňünde tutulýan şahtalaryň umumy meýdany 3 müň 731 inedördül kilometre ýeter. Olaryň ýerlerinde bolsa önümçilik kuwwaty 185 Gigawat boljak beketleri gurup bolar. Bularyň ählisi Germaniýanyň sarp edýän elektrik energiýasyna barabar bolar. Eýýäm Hytaýda şeýle taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirilip başlandy.

**Laçyn KULLAÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň tebigy we takyk ylymlar boýunça ylmy-barlag merkeziniň maglumat tehnologiýalary boýunça hünärmeni.*

## Bilim ulgamy – döwletiň we jemgyýetiň ösüşiniň binýady

Häzirki wagtda döwrüň talaplaryndan ugur alnyp, bilim işi we ylmy usulyýetler, okuw maksatnamalary kämilleşdirilýär. Degişli kanunçylyk-hukuk binýady yzygiderli berkidilýär, interaktiw, uzak aralykdan okatmagyň usullaryndan peýdalanmak üçin täze mümkinçilikler açylýar. Binýatlaýyn nazary we amaly ylmy barlaglaryň gerimi giňeldilip, alymlaryň netijeli işlemegi üçin zerur şertler döredilýär. Daşary ýurtlaryň ylmy-barlag merkezleri, halkara ylmy jemgyýetçilik bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. «Türkmenistanda ylym ulgamyny ösdürmegiň 2024 – 2052-nji ýyllar üçin Strategiýasy» we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2024 – 2028-nji ýyllar üçin Meýilnamasy bu babatda möhüm ähmiýete eýe boldy. Şunda bilimiň, ylmyň we önümçiligiň özara arabaglanyşykly bolmagyna aýratyn ähmiýet berilýär.

Häzirki wagtda täze tehnologiýalar innowasion ykdysadyýetiň ösüşinde esasy şertleriň biri hasaplanýar. Sanlylaşdyrmak, awtomatlaşdyrmak, emeli aň ýaly ylmyň soňky gazananlary diňe bir täze infrastrukturany kemala getirmek bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady ösüşiň ugruny hem kesgitleýär.



Her ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzda Ylymlar güni giňden bellenilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzda ylym ulgamyny ösdürmek ýaly asylly maksatlar bilen baglanyşykly halkara ylmy maslahatlar yzygiderli geçirilýär. Daşary ýurtly hem-de türkmen alymlarynyň gatnaşmagynda halkara derejesinde geçirilýän şeýle ylmy maslahatlar dünýä tejribesinde gazanylan ylmy açyşlary ýurdumyzda giňden ornaşdyrmakda, ylym ulgamynda ýetilen sepgitleri dünýä ýaýmakda uly ähmiýete eýedir. Dünýäniň ylmy ösüşine uly goşant goşan türkmen topragynda milli, ruhy gymmatlyklary dünýä meşhur bolan Mahmyt Zamahşary, Mäne Baba, Ibn Sina, Nejmeddin Kubra, Nurmuhammet Andalyp, Abu Reýhan Biruny, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy ýaly alymlar, akyldarlar, şahyrlar ýaşap geçipdir. «Bilegi güýçli birini ýykar, bilimi güýçli müňüni» ýaly ençeme nakyllar türkmen halkynyň ylym öwrenip, bilimli bolmak babatdaky milli garaýşynyň özboluşly beýanydyr.

**Bahargül ANNAGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Harby institutynyň mugallymy.*

## Awaza forumy – hyzmatdaşlygyň täze tapgyry

Ýakyn wagtda gojaman Hazaryň kenary halkara hyzmatdaşlygynyň nobatdaky möhüm merkezine öwrüler. Abraýly halkara forumlarydyr maslahatlary üstünlikli geçirmekde baý tejribe toplan ýurdumyzda Birleşen Milletler Guramasynyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji halkara maslahatyny geçirmäge ýokary derejede taýýarlyk görülmegi hem munuň aýdyň mysalydyr. Deňze çykalgasy bolmadyk döwletler öz harytlaryny dünýä bazarlaryna çykarmak üçin kenarýaka döwletlere garaňda has köp çykdajy etmeli bolýar. Harytlaryň daşarky bazarlara ugradylmagy we getirilmegi hem uzak wagt talap edýär. Şu nukdaýnazardan bu forumyň ähmiýeti uludyr. Bu halkara maslahat on ýyldan bir gezek geçirilýär.

Ulag infrastrukturasyny yzygiderli berkidýän hem-de geografik taýdan amatly çäkde ýerleşýän ýurdumyz Aziýa bilen Ýewropanyň arasynda möhüm logistik halka öwrülýär. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy ulag ulgamyny ösdürmek bilen bagly Kararnamalaryň birnäçesini kabul etdi. Olarda öňe sürülýän başlangyçlardyr teklipler bilelikdäki tagallalary dogry ugra gönükdirmekde hem-de deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň arasynda gatnaşyklary berkitmekde möhüm bolup durýar.



Mälim bolşy ýaly, 2022-nji ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň derejesindäki halkara maslahatyň geçirilmegi bu ugurda hyzmatdaşlygy berkitmekde möhüm ädim bolupdy. Bu maslahat 40-a golaý döwletden we 30-dan gowrak halkara guramadan, maliýe, işewürlik we ylmy edaralardan ýokary derejeli wekilleri ýurdumyza jemläpdi.

Nobatdaky Awaza forumyna hem-de onuň çäklerinde guraljak ugurdaş çärelere deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň düzümine girýän 32 ýurduň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, kiçi ada döwletleriniň 47-siniň, az ösen ýurtlaryň 49-synyň ýokary derejeli wekiliýetleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Bu hem ýurdumyzyň halkara abraýynyň has-da belende galýandygyny görkezýär.

**Jomart AKMÄMMEDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Dogry iýmitlenmegiň düzgünleri

Saglygy goramak üçin arassaçylyk, işjeň hereket, dogry iýmitlenmek, kadaly dynç almak bilen birlikde ruhuňy belentde tutmak hem zerur bolup durýar. Durmuşymyzyň her bir pursadyny maksatly işlere sarp etmek, şol üstünliklerimizden lezzet almak hem ömrümizi gözelleşdirýär, saglygymyza oňyn täsirini ýetirýär.

Dogry iýmitlenmek beden üçin zerur bolan ýokumly iýmiti kabul etmek, çenden artyk iýmezlikdir. Nädogry iýmitlenmek ynsan bedenindäki sazlaşygyň bozulmagyna täsir edip bilýär. Bu ýagdaý, gynansak-da, ýaşlarda has çynlakaý mesele hökmünde ýüze çykýar. Meselem, gyssanmaçlyklar, aljyraňňylyklar ýaly ýagdaýlar ýaşlaryň doly hem-de sagdyn iýmitlenmezligine sebäp bolýar.



Ýokanç däl keseller, şol sanda semizlik, onuň bilen bagly ýürek-damar, süýjüli diabet, dowamly öýken keselleri we howply täze döremeler ýa-da witaminleriň, beýleki ýokumly maddalaryň ýetmezçiligi iýmitlenmegiň kadalarynyň bozulmagy bilen bagly bolýar. Iýmit önümlerinde belogyň, ýagyň, uglewodlaryň, witaminleriň we mikroelementleriň gündelik ýeterlik mukdarda bolmagy hökmanydyr. Nahar sanawynda et we et önümleriniň, süýt we süýt önümleriniň, balyk, deňiz, gök we bakja önümleriniň, däneli we kösükli önümleriň bolmagy, olaryň özara sazlaşyk düzgünleriniň berjaý edilmegi möhümdir. Howlukman, gowy çeýnäp, dürli iýmitler bilen iýmitlenmek saglyk üçin peýdalydyr. Nahar iýlenden soňra, arassa howada, ylaýta-da, agşamlyk gezelenç etmeli. Çaýy nahardan ýarym sagat geçenden soň içmeli. Hereketde bolmak we kadaly iýmitlenmek sagdyn durmuş ýörelgesiniň esasy hasaplanýar.

**Haltäç ATABAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň mugallymy.*

## Ýaşlar ýokary netije gazandylar

Ylym-bilim pudagynda gazanylýan üstünlikler özüniň miwesini berýär. Soňky ýyllarda bilim pudagyna sanly ulgamyň giňden ornaşdyrylmagy bilen türkmen ýaşlary tehnologiýa babatda öz başarnyklaryny giňden özleşdirmäge mümkinçilik alýarlar. Muňa halkara ýaryşlarda gazanylan üstünlikler hem subutnamadyr. 1–7-nji iýunda Türkmenistanyň topary dünýäniň iň abraýly uniwersitetleriniň biri bolan Kaliforniýa uniwersitetinde (UCLA), Los-Anjelesde geçirilen XCEL olimpiadasyna gatnaşdylar. Bu bäsleşige Malaýziýadan, Hytaýdan, Gyrgyzystandan, Gazagystandan, Özbegistandan, Alžirden, Indoneziýadan we ABŞ-dan okuwçylar gatnaşdylar.



250-den gowrak gatnaşyjy matematika, kognitiw ylymlar, robototehnika we sungat ugurlarynda bäsleşdiler. Ildeşlerimiz ýokary netije görkezip, altyn, kümüş we bürünç medallary gazandylar. «ImdatBot» bilim merkezi bilen Türkmenistanyň Maglumatlar tehnologiýalarynyň Türkmen-hindi merkezi tarapyndan taýýarlanan robototehnika taslamalary ýokary baha mynasyp boldy. Bu ýaryşda Aşgabat halkara mekdebiniň, A.S.Puşkin adyndaky Türkmen-rus bilelikdäki mekdebiň, Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen mekdep-internatynyň, Aşgabat şäherindäki iňlis dili, himiýa we biologiýa derslerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiň, Aşgabat şäherindäki iňlis dili çuňlaşdyrylyp öwredilýän ýöriteleşdirilen 135-nji orta mekdebiň hem-de 18-nji orta mekdebiň okuwçylary tapawutlandylar. XCEL olimpiadasy ylmy, tehnologiýany, inženerçiligi we matematikany (STEM) ösdürmekde zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga we goldamaga gönükdirilen, dünýäniň öňdebaryjy bilim jemgyýetleri tarapyndan ykrar edilen olimpiadadyr.

**Atamyrat AŞYROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SEBIT HYZMATDAŞLYGYNYŇ ÖZBOLUŞLY NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Köpasyrlyk beýik medeniýet we hakyky ruhy-ahlak gymmatlyklary Merkezi Aziýanyň hem-de Hytaýyň halklarynyň hyzmatdaşlygynyň, taryhy we häzirki ýakynlygynyň, özara düşünişmeginiň, birek-birege oňyn garaýyşlarynyň mizemez esasyny düzýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz sammite gatnaşyjy ýurtlaryň her birinde bilelikdäki medeniýet we sungat festiwallaryny yzygiderli esasda guramak mümkinçiligine seretmegi, şundan ugur alyp, «Merkezi Aziýanyň we Hytaýyň medeni dialogy» atly medeniýet ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň täze meýdançasyny döretmek başlangyjyny ara alyp maslahatlaşmagy we döwlet Baştutanlarynyň makullan ýagdaýynda, ugurdaş edaralara şeýle meýdançanyň usullaryny işläp taýýarlamak barada degişli tabşyryklary bermegi teklip etdi.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etdi. Hormatly Prezidentimiz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp, şu ýylyň dekabrynda Aşgabatda geçiriljek iri halkara forumda häzirki döwrüň ählumumy meseleleriniň çözgütlerini gözlemek, halkara giňişlikde ylalaşygy we düşünişmegi gazanmak boýunça döwletleriň arasyndaky dialogyň dowam etdiriljekdigine ynam bildirip, sammite gatnaşýan ähli döwlet Baştutanlaryny bu maslahata gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrdy.

Çykyşynyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň «Merkezi Aziýa – Hytaý» formatyndaky ýakyn hyzmatdaşlyga berk we üýtgewsiz ygrarlydygyny tassyklap, ýurdumyzyň bu formatyň biziň halklarymyzyň hem-de döwletlerimiziň parahatçylygy, abadançylygy üçin ägirt uly mümkinçilikleri açýandygyna berk ynanýandygyny tassyklady. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz «Merkezi Aziýa – Hytaý» formatynyň Sekretariatynyň Baş sekretary jenap Sun Weýduna şu gezekki sammiti üstünlikli geçirmäge goşandy üçin minnetdarlyk bildirdi.

Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew çuň manyly çykyşy hem-de beýan eden teklipleri üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdi.

Sammitdäki çykyşlarda bellenilişi ýaly, tebigy serişdeleriň baý gorlaryna eýe bolan Merkezi Aziýa halkara gatnaşyklaryň we söwda-ykdysady, maýa goýum, ynsanperwer hyzmatdaşlyga möhüm gatnaşyjy hökmünde öz ornuny yzygiderli pugtalandyrýar. Sebitiň ýurtlary bilen Hytaýyň arasyndaky gatnaşyklar häzirki wagtda ösüşiň hil taýdan täze derejesine çykaryldy. Ol dürli ugurlary öz içine alýar. Şunda Hytaý bilen bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmäge, özara haryt dolanyşygynyň görnüşlerini giňeltmäge we möçberini artdyrmaga, ýokary tehnologiýaly önümçilikleri döretmäge aýratyn üns berilýär. Şunuň bilen bir hatarda, oba hojalygy pudagyndaky hyzmatdaşlyga, şol sanda öňdebaryjy agro we suw tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmaga uly ähmiýet berilýär.

Sammite gatnaşyjylar sebitde energetika howpsuzlygyny pugtalandyrmagyň, energetika çeşmelerini diwersifikasiýalaşdyrmagyň möhümdigini bellediler. Ulag-kommunikasiýa hem sebitde çalt depginler bilen ösýän pudaklaryň biri bolup durýar. Sammitiň jemleri boýunça Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň we Täjigistan Respublikasynyň arasynda hemişelik hoşniýetli goňşuçylyk, dostluk we hyzmatdaşlyk hakynda Şertnama; «Merkezi Aziýa – Hytaý» ikinji sammitiniň Astana Jarnamasyna gol çekildi, şeýle hem «Merkezi Aziýa – Hytaý» formatynyň çäklerinde raýatlaryň özara saparlary üçin oňyn şertleri döretmek boýunça Başlangyç kabul edildi.

# TÜRKMEN TÜRGENLERINIŇ HALKARA ÝARYŞDAKY ÜSTÜNLIGI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

10 ýaşly oglanlaryň arasynda baýrakly orunlar şeýle paýlaşyldy: Özbegistandan 8,5 utuk toplan Abdurahmon Rajabow altyn medal, şonça utuk bilen Türkmenistandan Maksat Awlüýäkulyýew kümüş medal, Eýrandan 6 utuk toplan Asgar Katir Saniar bürünç medal, 12 ýaşly oglanlaryň arasynda bolsa 8 utuk toplap, Gazagystan Respublikasyndan Nurassyl Primbetow altyn medal, Türkmenistandan Alyhan Batyrow hem-de Osman Hamrakulyýew, degişlilikde, 7,5 we 6 utuklary toplap, kümüş hem-de bürünç medallary gazandylar.

Halkara küşt ýaryşynyň blitz görnüşinde-de Türkmenistanyň küştçüleri birinji orny eýelediler. Ýaryşyň bu görnüşinde ýaş küştçülerimiz umumy medal hasabynda 4 altyn, 2 kümüş, 3 bürünç – jemi 9 medal gazanyp, bu oýunda zehin taýdan tapawutlanýandyklaryny subut etdiler. Blitz ýaryşynda ikinji orna 2 altyn we 1 kümüş medal gazanan Özbegistan Respublikasynyň, üçünji orna 3 kümüş we 2 bürünç medal gazanan Gazagystan Respublikasynyň küştçüleri mynasyp boldular.

Küşt ýaryşynyň blitz görnüşinde 8 ýaşly gyzjagazlaryň arasynda 7,5 utuk toplan türkmenistanly Anna Çaryýewa altyn, 7 utuk toplan özbegistanly Zarina Larina kümüş, 6,5 utuk toplan türkmenistanly Laçyn Isaýewa bürünç medal gazandylar. 10 ýaşly gyzlaryň arasynda bolsa hemme baýrakly orunlary Türkmenistanyň küştçüleri öz adyna ýazdyrmagy başardylar. Hususan-da, Dünýä Ruslanowa altyn, Läle Wepaýewa kümüş, Jumasoltan Muhammetberdiýewa bürünç medallary eýelediler. 12 ýaşly gyzlaryň arasynda Türkmenistandan Aýa Baýramowa altyn, Gazagystandan Alina Kairbekowa kümüş, Gyrgyzystandan Adelina Ramisowa bürünç medal gazanmagy başardylar.



8 ýaşly oglanlaryň arasynda birinji we ikinji orunlary, degişlilikde, ýaş türkmen küştçüleri Çaryhekim Çaryýew hem-de Isa Garlyýew dagy paýlaşdy. Bürünç medala bolsa gazagystanly türgen Altair Omurzakow mynasyp boldy. 10 ýaşly oglanlaryň arasynda baýrakly orunlar şeýle paýlaşyldy: Özbegistandan Abdurahmon Rajabow altyn, Gazagystandan Alrami Mukaşew kümüş, Türkmenistandan Myrat Merdanow bürünç medala, 12 ýaşly oglanlaryň arasynda bolsa altyn medala Özbegistandan Islombek Husanow mynasyp boldy. Ikinji we üçünji orunlary, degişlilikde, gazagystanly ýaş küştçüler Nurassyl Primbetow hem-de Nuras Amangeldy paýlaşdy.

Şeýlelikde, sportuň küşt görnüşi boýunça 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda geçirilen halkara ýaryşda rapid we blitz görnüşi boýunça umumy medal hasabynda Türkmenistan 7 altyn, 6 kümüş, 6 bürünç – jemi 19 medal gazanyp, birinji orny eýeledi. Ikinji orna 4 altyn, 3 kümüş medal gazanan Özbegistan Respublikasynyň ýaş küştçüleri mynasyp boldular. 1 altyn, 3 kümüş, 3 bürünç medal gazanmagy başaran Gazagystan Respublikasynyň türgenleri bolsa üçünji orundan paýly boldular.

Günüň ikinji ýarymynda Arkadag şäherindäki «Märkaw» myhmanhanasynyň toý mekanynda halkara ýaryşa gatnaşyjylara we ýaş türgenlere Gahryman Arkadagymyzyň adyndan Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň sowgatlarynyň gowşurylyş dabarasy boldy.

# BITARAPLYK ÝOLY – DÜNÝÄ NUSGALYK GÖRELDÄMIZ

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Agza ýurtlaryň her biri Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasynda beýan edilen, halkara gatnaşyklarynyň esasy ýörelgelerine esaslanýan şertleri öz üstüne borç edip alýar. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 185 döwletiň, şeýle hem 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwletiň biragyzdan goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýa iki gezek kabul edildi. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek kabul edildi.

Bu seneler Milletler Bileleşiginiň taryhynda hem möhüm sahypa öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 12-nji dekabr Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Halkara Bitaraplyk güni diýlip yglan edildi. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda beýan eden tekliplериниň, şol sanda dünýäde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek, BMG tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak, energetika, ulag, ekologiýa, howanyň üýtgemegi, ynsanperwer ulgamlarda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatda öňe süren başlangyçlarynyň aýratyn ähmiýetini bellemek gerek.



«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda, dünýäniň dürli ýurtlary, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we beýleki abraýly düzümler bilen netijeli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. BMG-niň ýöriteleşdirilen düzümleri bolan Ösüş maksatnamasynyň, ÝUNESKO-nyň, Ilat gaznasynyň, Çagalar gaznasynyň, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ýurdumyzdaky wekilhanalary bilen hyzmatdaşlyk hil taýdan täze many-mazmunda baýlaşdyrylýar.

Ýurdumyzda hemişelik Bitaraplygymyzyň ýubileý toýunyň toýlanjak ýylynda dünýäde hyzmatdaşlygy hem-de özara düşünişmegi pugtalandyrmak bilen bagly möhüm wezipeler kesgitlenýär. Ýurdumyz halkara bileleşigiň jogapkärli agzasy hökmünde Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna daýanyp, «Ösüş arkaly parahatçylyk», «Dialog – parahatçylygyň kepili» diýen döwletli ýörelgeler esasynda halkara gatnaşyklaryň ösüşine mynasyp goşant goşýar. Hemişelik Bitaraplygymyz sebitde parahatçylygy, durnuklylygy üpjün etmekdäki geljegi uly bolan uzakmöhletleýin maksatnamalaryň rowaçlyklara beslenmeginde netijeli gurala öwrüldi. Ýurdumyz BMG bilen köp ugry öz içine alýan hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň gerimini yzygiderli giňeldýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzyň birnäçe gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna, şeýle-de bu halkara guramanyň birnäçe abraýly düzümleriniň agzalygyna saýlanmagy şeýle hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň oňyn netijeleridir. Türkmenistan parahatçylygyň, ynanyşmagyň we dost-doganlygyň mekanydyr.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň bellenilmegi bu taryhy wakanyň ähmiýetini has-da artdyrýar.

**Ymamguly REJEPOW,**
*Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň magistranty, Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

**Döwletmyrat MUHAMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Demir ýol hyzmatdaşlygy pugtalandyrylýar

Ýurdumyzda ulag we kommunikasiýa ulgamy ösüşlere beslenýär. Bu ugurda diňe ýurdumyzyň çäklerinde däl, eýsem, halkara derejesinde hem giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Şonuň bilen baglylykda, Beýik Ýüpek ýoluny dikeltmäge gönükdirilen «Bir guşak, bir ýol» taslamasy tapgyrlaýyn durmuşa geçirilýär. Türkmenistan beýleki ýurtlar bilen birlikde Hytaý Halk Respublikasy bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny barha ösdürýär. Dürli ugurlarda ençeme resminamalara gol çekilip, Ylalaşyklar baglaşyldy. Ýakynda türkmen wekiliýeti Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň agza döwletleriniň demir ýol ulaglary geňeşiniň 82-nji mejlisine gatnaşdy. Onuň çäginde Özbegistanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň demir ýol edaralarynyň ýolbaşçylarynyň arasynda üçtaraplaýyn gepleşikler geçirildi. Duşuşykda demir ýol ulaglarynyň goşmaça mukdaryny çekmek we logistika netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen Ýewropa ýurtlarynyň ugry boýunça «Özbegistan – Türkmenistan – Eýran» halkara multimodal ulag geçelgelerini ösdürmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.



Ýurdumyzda häzirki zaman logistika ulgamyny döretmek hem-de Ýewropa bilen Aziýanyň arasynda gatnawlary giňeltmek boýunça birnäçe iri taslamalaryň üstünde işlenilýär. Olaryň çäklerinde Demirgazyk–Günorta we Gündogar–Günbatar halkara ulag geçelgeleri döredilýär. Hormatly Prezidentimiziň köp şahaly we howpsuz halkara ulag düzümlerini kemala getirmek boýunça başlangyçlary dünýä jemgyýetçiliginiň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň giň goldawyna eýe bolýar. Ulag pudagynyň mümkinçiliklerini artdyrmakda amala aşyrylýan işlere syn edeniňde, ýurdumyzyň üstaşyr ulag ulgamyndaky kuwwatynyň uludygyny görmek bolýar.

**Mirähmet ABDYSALAMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Iýun aýynyň 20-si, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116559
Belgisi: 25/1643
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# ÝURDUMYZYŇ PAWILÝONY IŇ KÖP BARYLÝAN MEÝDANÇALARYŇ BIRINE ÖWRÜLDI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Türkmenistanyň Milli pawilýonynyň arhitekturasy milli nyşanlar we äheňler bilen bezelip, sergi binasynyň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa gurluşyk serişdeleri ulanyldy. Bu binanyň ekspozisiýasynda ýurdumyzyň gazanan üstünlikleri, taryhy hem-de medeniýeti innowasion tehnologiýalar bilen utgaşdyrylyp şöhlelendirilýär. Sergi binasynda milli aşhana tagamlaryny dadyp görmek we türkmen halylaryny synlamak üçin ähli şertler döredilipdir. Şonuň üçin hem dünýäniň dürli ýerlerinden gelen myhmanlara ýurdumyzyň pawilýonynda görkezilýän halkymyzyň baý medeni mirasy bilen içgin tanyşmaga mümkinçilik bar. Pawilýonyň üçegi türkmen halkynyň gadymy milli şaý-sepleriniň biri bolan gülýakadan ylham alnyp ýerine ýetirilipdir. Onuň tekiz we aýdyň egrembugram çyzykly gurluşy sazlaşygy we gözelligi şöhlelendirýär. Halkymyzyň adaty gülýaka şaý bezeginden ylham alnyp ýerine ýetirilen binagärlik çözgüdi ýeňil üçburçlyk gümmez görnüşinde bolup, bu ýere gelýän syýahatçylarda aýratyn gyzyklanma döredýär. Pawilýonyň daş keşbi bolsa ýurdumyzyň giň çäklerini eýeleýän Garagum sährasyny ýatladýar. Binanyň Garagum sährasynyň gözelligini şöhlelendirýän daşky görnüşi milliligi we özboluşlylygy bilen tapawutlanýar. Pawilýona baryp görýän jahankeşdeler ýurdumyzyň ösüşini görkezýän «akylly» şähere bagyşlanan täsirli tanyşdyryş wideofilmini görmäge hem mümkinçilik alýarlar.



Pawilýonyň birinji gatynda ýerleşýän döwrebap tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan görkezme zaly myhmanlara ýurdumyzyň taryhyny, medeniýetini, ykdysady ösüşini we tebigy baýlyklaryny giň panelli ekranlarda, ýagtylyk we saz bilen utgaşdyrylan animasion-şüweleň arkaly çuňňur duýmaga mümkinçilik berýär. Binanyň birinji gatynda bu ýere gelýänlere şar görnüşli ekranlaryň we häzirki zaman tehnologiýalaryň kömegi bilen ýurdumyza wirtual syýahat etmäge mümkinçilik döredilipdir. Binanyň ikinji gatynda bolsa syýahatçylar ýurdumyzyň dürli pudaklarynda gazanylan üstünlikler bilen tanşyp bilýärler. Binanyň üçünji gatyndaky meşhur türkmen halylaryny, milli keşdeleri we muzeý eksponatlarynyň ýygyndylaryny bu ýere gelen myhmanlar höwes bilen surata düşürýärler. Syýahatçylaryň köpüsi ýakymly gök çaýy we milli tagamlary hödürleýän adaty türkmen saçagynyň ýanynda surata düşüp, açyk terrasdaky suratlaryny sosial ulgamlarda paýlaşýarlar.

«EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisindäki ýurdumyzyň pawilýonynyň aýratyn tapawutly tarapy hem medeni mirasyň, daşky gurşaw bilen sazlaşygyň hem-de milli özboluşlylygyň döwrebap binagärlik äheňlerinde beýan edilmegi bilen baglydyr. Bu Bütindünýä sergisiniň işine 158 ýurt we sebit, şeýle-de 7 halkara gurama gatnaşýar. «EKSPO – 2025» Bütindünýä sergisi Osakada 13-nji oktýabra çenli dowam eder.

**Kakajan BERDIÝEW,**
*Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebiniň bölüm müdiri.*

# TÜRKMEN DOKMASY – DÜNÝÄ NUSGA

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýetiň maksatnamalaýyn esasda, yzygiderli ösdürilmegi netijesinde ýurdumyzy dünýäniň öňdebaryjy, ykdysady taýdan kuwwatly döwletleriniň birine öwürmek babatda täze sepgitlere ýetilýär. Bagtyýar zamanamyzda ähli ugurlarda bolşy ýaly, dokma pudagynda hem ägirt uly işleriň durmuşa geçirilýändigine 11-13-nji iýun aralygynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçirilen «Turkmentextile Expo – 2025» atly halkara sergi-ýarmarkadan hem göz ýetirmek bolýar.




Ýurdumyzyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky kärhanalaryň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurtlardan dokma enjamlaryny, dokma senagaty üçin boýag we himiki serişdeleri, çig mal, gaplaýjy we önümçilik serişdelerini öndüriji, üpjün ediji kompaniýalaryň 110-a golaýynyň gatnaşmagynda geçirilen sergi bu möhüm pudakdaky buýsandyryjy netijeler bilen tanyşmakda, täze gözýetimleri kesgitlemekde giň mümkinçilikleriň meýdanyna öwrüldi. Sergä daşary ýurtlaryň öňdebaryjy kompaniýalarynyň we belli moda birleşmeleriniň 60-dan gowragynyň gatnaşmagy ykdysadyýetiň bu möhüm ugrunda ýurdumyzyň dünýäde barha ynamly orunlary eýeleýändigine şaýatlyk edýär. Çünki Diýarymyzdaky iri dokma toplumlary, pagta egriji we tikinçilik fabrikleri, piläni gaýtadan işleýän kärhanalary, aýakgap fabrikleri ekologiýa taýdan arassa çig mallardan ýokary hilli önümleri öndürýärler. Bu bolsa ýurdumyzyň eksport mümkinçilikleriniň has-da artmagyna getirýär. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ýyllary içinde ýurdumyzyň dokma pudagynyň önümleri, şonuň bilen birlikde dürli haryt nyşanlarynyň atlary hem diňe bir Diýarymyzda däl, eýsem, daşary ýurtlarda-da barha uly meşhurlyga eýe bolýar. Aşgabat, Baýramaly, Babadaýhan, Kaka, «Ruhabat» dokma toplumlarynyň, Aşgabadyň panbarhat kärhanasynyň, Marynyň «Ýeňiş» tikin fabriginiň, «Ahal» tikinçilik birleşiginiň, «Bahar» tikin-önümçilik birleşiginiň sergide görkezýän önümleri bu aýdylanlary aňryýany bilen tassyklaýar. Dokma, egin-eşik we aýakgap önümleri, tebigy süýümleriň görnüşleri, kömekçi serişdeler, himiýa önümleri we boýaglar, şeýle-de iň täze tehnologiýalar ýaly ugurlardyr bölümleri öz içine alýan bu sergä Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalary, dokma senagaty kärhanalarynyň, daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Sergide ýerli we daşary ýurt dizaýnerleriniň lybaslarynyň görkezilişi guralyp, Merkezi Aziýanyň gadymy dokma usullary, häzirki zaman tehnologiýalaryna bagyşlanan ussatlyk sapaklary ýaýbaňlandyryldy. Munuň özi ýurdumyzyň dokma senagatynda ýetilen sepgitler bilen tanyşmaga, özara hyzmatdaşlygy ýola goýmaga we ösdürmäge, öňdebaryjy tejribäni alyşmaga oňaýly mümkinçilikleri döretdi.

«Turkmentextile Expo – 2025» atly halkara sergi-ýarmarkanyň çäklerinde häzirki zaman modasynyň halkara görkezilişi hem geçirildi. Bu görkezilişe milli hem-de daşary ýurtly dizaýnerler gatnaşyp, olar milli däp-dessurlaryň we modanyň häzirki zaman tendensiýalarynyň utgaşygyny egin-eşik kolleksiýalarynda görkezdiler. Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky «Miras» moda öýüniň dizaýnerler topary milli däp-dessurlara we häzirki zaman modasynyň tendensiýalaryna laýyk gelýän ajaýyp köýnekler ýygyndysyny hödürledi. Bu görkezilişe «Mad Mood Milano» Moda hepdeliginiň direktory Marianna Miçeli, baýramçylyk köýnekleri bilen tanalýan londonly dizaýner Omar Mansur, türkmen dizaýneri Göwher Pirkulyýewa Guwerne, Singapurly dizaýner Haýden Ng, şeýle hem Gazagystanyň «Asyl-design» moda öýüniň baş dizaýneri Aýdarhan Haliýew we başga-da birnäçe Türkmenistanly hem-de daşary ýurtly dizaýnerler gatnaşdylar.

Umuman halkara sergi Türkmenistanyň dokma senagatynyň mümkinçiliklerini açyp görkezmek, şeýle hem halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin meýdança öwrüldi we oňa gatnaşyjylar innowasion işläp taýýarlamalar bilen tanşyp, işewür hyzmatdaşlyk barada maslahatlaşdylar.

**Miwe ÇARYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# YLYM – ADAMZADYŇ RÖWŞEN GELJEGINIŇ KEPILI

Ylym ýaş nesilleri täze açyşlara ruhlandyrýan güýç, ösüşiň esasy hereketlendirijisi bolup çykyş edýär. Häzirki döwürde ykdysadyýetiň pudaklaryna öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny ýokarlandyrmak bu ulgamy ösdürmegiň baş maksatlarynyň biri bolup durýar. Ýakynda Ylymlar güni mynasybetli Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar» atly halkara ylmy maslahat geçirildi. Tejribe alyşmak, ylmyň soňky gazananlaryny ara alyp maslahatlaşmak maksady bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan her ýylda guralýan bu iki günlük foruma türkmen alymlary bilen bir hatarda, Azerbaýjanyň, Russiýanyň, Özbegistanyň, Belarusuň, Bolgariýanyň, Gazagystanyň, Hytaýyň, Gyrgyzystanyň, Mongoliýanyň, Ukrainanyň, Türkiýäniň, Ermenistanyň, Kataryň, Alžiriň, Pakistanyň we beýleki ýurtlaryň Ylymlar akademiýalarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary hem-de wekilleri gatnaşdylar. Şeýle hem baýramçylyk günlerinde ýurdumyzyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işler boýunça yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi bilen bilelikde guralýan bu bäsleşige şu ýyl hem ýaşlaryň 1 müň 665-si gatnaşyp, olaryň 118-si ýeňiji diýlip yglan edildi.

Hödürlenen ylmy işler diňe bir nazaryýet taýdan däl, eýsem, önümçilik babatda hem täze ylmy başlangyçlary bilen tapawutlanýar. Munuň özi ýurdumyzyň ýaş ylmy jemgyýetçiliginiň ylmy edebiýatlardan netijeli peýdalanyp, dürli pudaklar we



ulgamlar üçin peýdaly bolan täzeçil ylmy garaýyşlary öňe sürmäge ukyplydygyny aýdyň görkezýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, ýurdumyzyň ylmy kuwwaty ýyl-ýyldan artýar. Döwlet tarapyndan ylym ulgamyna goldaw bermek, geljegi uly ylmy barlaglary, tejribe synaglaryny, tehnologik işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmek barha giňeýär. Çünki häzirki zaman durmuş-ykdysady giňişligini innowasion tehnologiýalar bolmazdan, göz öňüne getirmek mümkin däldir. Şolaryň binýadynda bolsa, ýurdumyzda durnukly ösüşiň täze, milli nusgasy kemala getirilýär. Geçen ýyl hormatly Prezidentimiziň Karary bilen, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezine halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň hukuk ýagdaýynyň berilmegi hem-de ony Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parky diýlip atlandyrylmagy bu ugurdaky işleriň binýatlaýyn ösdürilýändiginiň anyk mysalydyr. Bu Halkara ylmy-tehnologiýa parky täzeçil pikir-garaýyşlaryň ojagy hökmünde çykyş edýär. Ol Diýarymyzda iň iri ylmy-tehniki we intellektual binýat hasaplanýar. Ylmy-barlag institutlarynda möhüm ugurlar boýunça ylmy işleriň onlarçasy alnyp barlyp, olaryň halk hojalygynyň dürli pudaklarynda peýdalanylmagy oňyn netijeleriň beýanydyr. Türkmen alymlarynyň şeýle innowasion taslamalary dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply, daşyndan getirilýän önümleri ýurdumyzda öndürmäge mümkinçilik berýär.

**Gültäç GELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň Sorag-jogap we kitaphana bibliografik işleriň bölüminiň bölüm müdiri.*

# ÇAGALAR KITAPHANASYNYŇ TÄZE BINASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda medeniýete, sungata belent sarpa goýulýar. Ýaş nesil milli medeniýete, sungata söýgi ruhunda terbiýelenip, olaryň ukyp-başarnyklarynyň ýüze çykmagy üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzyň geljegi bolan çagalara kitaby söýdürmek babatda hem uly işler durmuşa geçirilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň golaýda paýtagtymyza amala aşyran iş saparynyň dowamynda gözel Aşgabadymyzda «Güneşli» atly çagalar we ýetginjekler merkeziniň hem-de Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň guruljakdygy barada aýdanlary her bir türkmen ojagyna toý buşlugynyň joşgunyny bagyş etdi. Bagtyýar nesillerimiziň iň bir söýgüli mekanlarynyň birine öwrüljek bu desgalaryň Çagalary goramagyň halkara gününde düýbüniň tutulmagy bolsa has-da täsirli boldy. Munuň özi bu Diýarda geljegiň görkanalygynyň şu günden üpjün edilýändigini dünýä ýüzüne jar etdi.

Golaýda Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň çempiony bolan «Arkadag» futbol toparynyň haýyşy boýunça, abraýly halkara ýaryşda gazanylan pul baýragyň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna geçirilendiginden ählimiz habarlydyrys. Gahryman Arkadagymyzyň haýyr-sahawat gaznasyna geçirilen bu serişdäni Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň gurluşygyna gönükdirmek barada karara gelmegi sogaply işiň gymmatyny has-da artdyrdy.

Kitaphana kitaplaryň hazynasy. Kitaplar iň uly we taýsyz, ýerini başga bir zatlar çalşyp bilmejek gymmatlyklardandyr. Kitap bilen paýhasyň durlanýar. Kitap bilen köňül gözgiň tämizlenýär. Kitap bilen älem syry, ömrüň manysy açylýar. Kitap bilen öz halkyňa, adamzada has gowy düşünip bolýar. Kitap bilen ýollar ýagtylýar.

Çagalary kitaby söýdürmekde Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasy uly işler bitirýär. Kitaphana çagalar edebiýatynyň milli gaznahanasy bolmak bilen bir hatarda, ýurdumyzdaky çagalar kitaphanalary we mekdep kitaphanalary üçin usulyýet merkezi bolup hyzmat edýär. Kitaphanada kataloglar ulgamy döredilýär, ýaş okyjylaryň okaýşyna ýolbaşçylyk etmegi gowulandyrmak maksady bilen köp çäreler amala aşyrylýar. Kitaphana görnüşi we maksatlaýyn işi boýunça çagalaryň hem-de ýetginjekleriň kitaba bolan isleglerini kanagatlandyrmak, neşir önümleriniň dürli görnüşlerine, şol sanda çagalar üçin taýýarlanylýan ylmyň dürli ugurlary boýunça çap edilen neşirlere, çeper edebiýata, döwürleýin metbugata bolan höwesini artdyrmak we olary okamaga çekmek babatdaky esasy işini guramaga täzeçe çemeleşmek işini amala aşyrýar. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ýaşlary we mekdep okuwçylary üçin döredýän şertleriniň çäklerinde ýurdumyzyň dürli künjeklerinde gurlup, ulanylmaga berilýän çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde möwsümleýin guralýan dynç alyş çärelerinde kitaphananyň hünärmenleri öz wezipesine girýän işleri bilen hyzmatdaşlygy ýola goýdular. Kitaphana çagalary we ýaşlary kitaphana çekmek işinde döwrebap usullary iş ýüzünde ornaşdyrmak,



okyjylaryň isleglerini öwrenmek iş ugurlarynyň häzirki zaman görnüşlerini ulanmak babatda okyjylar bilen dürli medeni-köpçülik çäreleriniň geçirilmegini, bu çäreleriň mekdebe çenli çagalar edaralarynda, başlangyç hünär okuw mekdeplerinde, orta mekdeplerde olaryň okyjy toparlarynyň aýratynlyklaryny nazara almak şerti bilen guramagy däbe öwürdi.

**Oguldurdy ANNADÖWLETOWA,**
*Türkmenistanyň B.Amanow adyndaky döwlet çagalar kitaphanasynyň 2-nji derejeli kitaphanaçysy.*

# DOGANLYK ÝURTDA TÜRKMEN ÖNÜMLERI GÖRKEZILER

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu sergi türkmen-türk hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmäge uly itergi berer. Sergide ýokary hilli we bäsleşige ukyply harytlar bilen bir hatarda ýurdumyzyň eksport ugurly maksatnamalary hem-de maýa goýum taslamalary bilen tanyşdyrylar. Sergä ýurdumyzyň eksport we maýa goýum ugurly pudaklarynyň, şeýle hem Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň gatnaşmaklary göz öňünde tutulýar. Munuň özi söwda-ykdysady, maýa goýum, ulag-logistika we beýleki ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge mümkinçilik döreder. Mälim bolşy ýaly, köp ýyldan bäri paýtagtymyz Aşgabatda Türkiýe Respublikasynyň eksport harytlarynyň sergisi geçirilip gelinýär. Geçen ýyl şeýle sergi 11-nji gezek geçirildi. Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ösüş ýyllarynda hyzmatdaşlygyň berk şertnama-hukuk binýady döredildi. Ol ikitaraplaýyn resminamalaryň giň toplumyny özünde jemleýär. Oňa laýyklykda, tutuş sebitde durnuklylygy we gülläp ösüşi üpjün etmekde ägirt uly ähmiýeti bolan bilelikdäki wajyp taslamalaryň onlarçasy amala aşyryldy hem-de olaryň durmuşa geçirilmegi dowam edýär. Özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde Bilelikdäki hökümetara topara we Türkmen-türk



işewürlik geňeşine, yzygiderli guralýan işewürlik maslahatlaryna hem-de sergilere möhüm orun degişlidir. Munuň özi gatnaşyklary mundan beýläk-de sazlaşykly ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny aňladýar. Ýeri gelende aýtsak, Türkiýäniň işewür toparlary daşary ýurtly hyzmatdaşlar we maýadarlar üçin zerur şertleri özünde jemleýän türkmen bazarynda netijeli işleri alyp barýarlar. Ikitaraplaýyn haryt dolanyşygynyň möçberiniň yzygiderli artmagy ykdysady gatnaşyklaryň okgunly ösdürilýändigini alamatlandyrýar.

Türkiýe Respublikasy Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşlarynyň biridir. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanan döwründen bäri ýurdumyzda türk kompaniýalary üstünlikli iş alyp barýarlar. Olar 1000-den gowrak taslamalary durmuşa geçirdiler. Türk kompaniýalary Türkmenistanda möhüm infrastruktura taslamalaryny – elektrik beketlerini, elektrik geçirijilerini, ýaşaýyş jaýlaryny, söwda merkezlerini, okuw mekdepleri, mekdepleri, jemgyýetçilik binalaryny, myhmanhanalary, zawoddyr fabrikleri, muzeýleri, seýilgähleri, hassahanalary we portuň gurluşygyny amala aşyrdylar. Geljekde türk kompaniýalarynyň «akylly» Arkadag şäheriniň gurluşygynyň 2-nji tapgyryna hem-de «Aşgabat-siti» taslamasynyň gurluşyklaryna gatnaşmagyna garaşylýar.

**Merdan ŞAIMOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# ULAG ULGAMY – DURNUKLY ÖSÜŞIŇ MÖHÜM HALKASY

Hormatly Prezidentimiz dünýä döwletleriniň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän durnukly ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär hem-de şol başlangyçlaryň gaýragoýulmazdan durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berýär. Şunda ulag-üstaşyr hyzmatdaşlygynyň halkara hukuk esaslarynyň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär.

Şunuň bilen baglylykda, 2025-nji ýylyň 11-nji aprelinde döwlet Baştutanymyzyň çuňňur oýlanyşykly başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk



ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi Bitarap Watanymyzyň hoşniýetlilik, parahatçylyk söýüjilik ýörelgesine esaslanýan daşary syýasatynyň barha dabaralanýandygyny görkezýär. Bu wajyp halkara resminama şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolup durýandygyny tassyklaýar. Bilşimiz ýaly, 2020-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde Türkmenistanyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda BMG-niň çäklerinde işjeňligiň dowamy hökmünde ulag-üstaşyr geçelgelerini ösdürmek maksady bilen, Türkmenistanda Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlaryň ministrleriniň halkara maslahatyny geçirmek teklip edildi. Munuň özi adatdan daşary ýagdaýlar döwründe durnukly halkara ulag gatnawyny üpjün edýän täze halkara-hukuk guralyny döretmekligiň zerurlygyndan ýüze çykýan çemeleşme bolup durýar.

2022-nji ýylda Awazada halkara hem-de sebitara guramalaryň gatnaşmagynda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ulag ministrleriniň halkara maslahatynyň geçirilmegi, onuň dowamynda durnukly üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek ýaly möhüm meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy ýurdumyzyň halkara gatnaşyklarda parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerini berkarar etmek boýunça başlangyçlaryna ýokary baha berilýändigini görkezdi. Türkmenistanda halkara ýol-gurluşyk düzümleriniň binýadynyň yzygiderli pugtalandyrylmagy ýurdumyzyň dünýäniň halkara ýollaryna birleşmegine uly itergi berýär. Döwrebap ýollar eziz Watanymyzyň dostluk, ynsanperwerlik we ösüş babatdaky maksatlaryny alys ýurtlara ýetirýär. Döwletimiziň Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeldip, alysdaky ýurtlar bilen gatnaşyk etmek mümkinçiliginiň ykdysady bähbitler bilen birlikde, ruhy-intellektual ösüşlere hem itergi berýändigi gürrüňsiz hakykatdyr. Türkmenistanda halkara derejeli döwrebap ulag düzümleriniň kemala gelmegi bilen, ýurduň halkara üstaşyr ulag geçirijilik kuwwaty has ýokarlandy. Şunuň özi hem dünýäniň ösen hojalyk ulgamyny kemala getirmekde Bitarap Türkmenistanyň öz halkara syýasy-hukuk derejesinden gelip çykýan ýörelgelerini aýdyň kesgitledi.

Häzirki döwürde milli ykdysadyýetiň pudaklaryna sanly ulgam, «akylly» we «ýaşyl» tehnologiýalar giňden ornaşdyrylýar. Türkmenistany çalt depginde möhüm ykdymara ulag çatrygyna öwürmekde aragatnaşyk pudagynyň häzirki zaman dünýä ölçeglerine derejesine çykarmak esasy wezipe bolup durýar. Öňdebaryjy tehnologiýalara esaslanýan giň gerimli aragatnaşyk ulgamyny döretmek, aragatnaşyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak hem görnüşlerini artdyrmak boýunça iri taslamalar durmuşa geçirilýär. «Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alşygy ulgamynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek hakynda» taslamanyň çäklerinde «X-Road» platformasyny ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Bu platforma döwlet edaralarynyň arasynda maglumatlary has çalt we ygtybarly alyşmaga ýardam eder.

**Batyr JUMAÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Mary welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, maýor.*

# DAÝHANLARYŇ HEREKETI – SAÇAKLARYŇ BEREKEDI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen daýhanlarymyzyň öndürijilikli zähmet çekmekleri, toprakdan bol hasyl öndürip, halal zähmeti bilen baýamaklary üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şeýle şertlerden peýdalanyp, ussat kärendeçilerimiz, hususy önüm öndürijilerimiz, mehanizatorlarymyz, alymlarymyz, bugdaýy ösdürip ýetişdirmekde we ýitgisiz ýygnap almakda agzybir hem-de yhlasly zähmet çekýärler. Welaýatlarymyzyň etraplaryndaky gallaçylyk hojalyklarynyň, hususy önüm öndürijileriň, öňdebaryjy gallaçy daýhanlaryň we ähli oba hojalyk işgärleriniň uly goşandy bilen ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek üçin gallanyň bol hasyly öndürilip ýetişdirilýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 29-njy maýynda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda oba hojalyk pudagyny ösdürmäge uly üns berilýändigini, döwletimiz tarapyndan ýerden bol hasyl almak boýunça daýhanlarymyz üçin zerur şertleriň döredilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyzyň şu ýyl hem ýurdumyzyň welaýatlarynda gallanyň bol hasylynyň ösdürilip ýetişdirilendigini kanagatlanma bilen bellemegi, Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda 4-nji iýunda, Balkan we Daşoguz welaýatlarynda bolsa 11-nji iýunda galla oragyna başlamaga ak pata bermegi, hormatly ýaşululardan galla oragyna «Bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş edip, zähmetsöýer gallaçy daýhanlara, ähli oba hojalyk işgärlerine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etmegi ýurdumyzyň her bir raýatynyň, ilkinji nobatda, döwletimiziň edermen gallaçylarynyň buýsanjyny goşalandyrdy.

Ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň oba hojalyk pudagyny düýpli özgertmek, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň ýokary öndürijilikli oba hojalyk tehnikalaryny yzygiderli satyn almak, topragyň



berekedini artdyrýan mineral dökünler bilen üpjün etmek hem-de ylmyň soňky gazananlaryny önümçilige giňden ornaşdyrmak arkaly ekinleriň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzda däneli ekinleri öndürmek, taýýarlamak, gaýtadan işlemek, saklamak, ýerlemek, daşamak we peýdalanmak boýunça işiň hukuk esaslaryny belleýän «Däneçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň hereket etmegi hem bu ugurda ýüze çykýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Şu ýyl ýurdumyzyň gallaçylaryna ekiş üçin bölünip berlen 690 müň gektar ýerden 1 million 400 müň tonna, şol sanda Ahal welaýatynda 400 müň, Mary welaýatynda 345 müň, Lebap welaýatynda 310 müň, Daşoguz welaýatynda 265 müň we Balkan welaýatynda 80 müň tonna ak bugdaýyň hasylyny ýygnamak wezipesi öňde goýuldy. Ekerançylyk ýerlerinde bugdaýyň bol hasyl berýän görnüşleri ösdürilip ýetişdirildi.

Oba hojalyk ekinleriniň täze sortlaryny dolanyşyga girizmek Türkmenistanda ekerançylyk pudagyny ösdürmek boýunça täzeçil strategiýanyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň Oba hojalyk ministrliginiň Ylmy-barlag däneçilik instituty tarapyndan «Serdar», «Arkadag», «Pyragy» ýaly güýzlük bugdaýyň täze görnüşleriniň döredilmegi we ýetişdirilmegi hem munuň aýdyň mysalydyr.

Ýurdumyzyň bereket eçilýän meýdanlarynda bişen bugdaýy ýitgisiz ýygnap almak işleri gyzgalaňly alnyp barylýar. Munuň üçin kombaýnlar, bugdaý daşajak ýük awtoulaglary, tereziler möwsüme irgözinden taýýarlanyp, oba zähmetkeşleri galla oragyny ykjam we guramaçylykly alyp barýarlar.

**Saparmyrat MUKYMOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek fakultetiniň maldarçylyk önümlerini gaýtadan işlemek kafedrasynyň uly mugallymy.*

# KÜŞT SPORTY WE KÜŞT ÝARYŞLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän beýik özgertmeleriniň netijesinde Türkmenistan döwletimiz ösen sport ulgamyna eýe bolan, halkara derejesindäki ýaryşlary üstünlikli geçirmekde uly tejribe toplan, halkara sport hyzmatdaşlygyna işjeň goşulyşýan ýurt hökmünde dünýäde belent ykrarnama eýe bolýar.

Türkmenistanda ilatyň saglygyny berkitmek, bedenterbiýäni we sporty goldamak hem-de ösdürmek, türkmen sportuny dünýä çykarmaga gönükdirilen wezipeler toplumlaýyn esasda alnyp barylýar.

Ähli sport ugurlary bilen bir hatarda küşt sportuna hem aýratyn ähmiýet berilýär. Ýurdumyzda küşt we şaşka mekdepleri hereket edýärler. Türkmen küştçüleri halkara ýaryşlara yzygiderli gatnaşyp, baýrakly orunlary eýeleýärler. Ýaňy-ýakynda Şri-Lankada küşt boýunça 20 ýaşa çenli ýaşlaryň arasynda Günbatar Aziýanyň çempionaty geçirildi. Oňa gatnaşan 110 türgeniň arasynda türkmen türgenleri üstünlikli çykyş edip, 1 altyn, 1 kümüş we 1 bürünç medalyň eýesi boldular.

Türkmen küştçüleriniň bu üstünligi 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda 16-18-nji iýun aralygynda Aşgabatda geçirilen halkara küşt ýaryşy üçin özboluşly sowgat boldy.

Küşt oýny sportuň iň bir gyzykly oýunlarynyň biri bolmak bilen çäklenmän, eýsem, paýhas oýny hem hasaplanýar. Biziň ýurdumyzda hem küştçüler ussat tälimçileriň sapak bermeginde ýöriteleşdirilen küşt we şaşka mekdeplerinde ýetişdirilýär.

Her ýylyň 20-nji iýulynda «Halkara küşt güni» (International Chess Day) dünýäde giňden bellenilýär. Bu sene öz gözbaşyny 1924-nji ýylda döredilen FIDE – Bütindünýä Küşt Federasiýasynyň «Halkara küşt gününi» bellemek baradaky kararyndan alyp gaýdýar. Şondan soňra 1966-njy ýyldan bäri her ýyl bellenilip geçilýär. Häzirki wagtda birnäçe uly halkara küşt ýaryşlary geçirilýär. Olaryň arasynda: çalt we blits dünýä çempionaty we beýleki ýaryşlar bar. Küşt boýunça häzirki dünýä çempiony hindistanly Dommaraju Gukeşdir.

Küşt oýnunyň sportuň beýleki görnüşlerinden aýratynlygy erkekleriň we zenanlaryň ýaşyna garamazdan yzygiderli türgenleşip, ýaryşlara gatnaşyp bilmekleridir. Küşt oýnunyň akylly-paýhasly bolmaga, ruhubelentligi goldamaga ýardam etmek bilen ýatkeşligi, giň göwrümliligi, ünslüligi, eserdeňligi, adamkärçilik terbiýelerini bermäge bolan kömegi bimöçber uludyr.

Küşt oýnunyň taryhy örän gadymy hasap edilýär. Birnäçe müň ýyl ozal adamlar ýönekeýje tagtalary ýasap, onuň ýüzünde çyzyklar we öýjükler emele getirip, belli bir kada esasynda oýunlar döredipdirler.

Öýjüklerde ýa-da çyzyklaryň kesişýän ýerinde daşjagazlar, agaç ownuklary goýlup, ilkinji şaşka oýny döräpdir. Elbetde, ol düşnükli, ilkinji oýunlar ýönekeý görnüşde bolupdyr. Tagtanyň ýa-da ýerde döredilen meýdançanyň üstünde oýnalýan oýunlaryň, başda hemmesi hem örän ýönekeý bolupdyr. Şonuň üçin hem küşt oýny gadymy hem bolsa, şeýle oýunlaryň beýleki oýunlardan has soň dörändigini bu ugurda iş alyp baran adamlar, alymlar subut edipdirler.

Şeýle oýunlaryň taryhynyň mundan, takmynan, 4000 ýyl öňdügine gadymy Müsür piramidasynyň diwarlaryndaky şekiller esas bolup biler.



Hytaý oýunlarynyň biriniň şol wagtky dörän aýdymlarynyň sözlerinde hem küşt barada maglumatyň bardygy anyklanypdyr. Hindistanda dörän diýlip hasap edilýän küşt oýny 2000 ýyldan hem öň dörändir diýlip hasap edilýär. Aziýadan soňra küşt oýny Ýewropa ýurtlaryna ýaýrapdyr. Elbetde, oýnuň ilkinji düzgünleri üýtgeýär, kämilleşýär. Küşt oýnunyň ösüşinde esasy döwür XVI asyr bolupdyr.

**Ysmaýyl ORAZNUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde



**Dabaraly harby ýöriş geçirildi.** Waşingtonda amerikan goşunynyň döredilen gününiň 250 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly harby ýöriş geçirildi. Oňa ýurduň Prezidenti Donald Tramp gatnaşdy. Baýramçylyk onuň doglan gününe gabat geldi. 14-nji iýunda Amerikanyň Prezidenti 79 ýaşady. Dabaraly harby ýörişe ABŞ-nyň taryhynyň dürli döwürlerine görä, harby eşik geýen 6 müňden gowrak harby gullukçy gatnaşdy.



**Diana degişli zatlar auksiona çykarylar.** Ýakyn günlerde Bewerli şäherinde (ABŞ) Şa aýaly Diana bagyşlanyp auksion guralar. Auksionda Diananyň 100-den gowrak egin-eşikleri we aksessuarlary hödürlener. «Julien's» auksion öýüniň satuwa hödürlejek zatlarynyň arasynda Diananyň dürli ýyllarda geýen köýnekleri hem bolup, olaryň her biriniň bahasy 300 müň dollara çenli ýetip biler.



**Radiasiýadan goraýan aýna.** Halkara alymlar topary aýnanyň täze görnüşini döretdiler. Ol betona we täjirçilik maksatly «RS-360» aýnasyna garanyňda radiasiýadan 28,3% has netijeli goragy üpjün edýär. Täze işläp taýýarlama has ýuka we dury gorag ekranlaryny hem-de lukmançylyk, senagat we ýadro energetikasy üçin äýnekleri öndürmäge mümkinçilik berer.



**Ýylyň iň ygtybarly pikapy.** ABŞ-nyň Ýol howpsuzlygy instituty (IIHS) 2025-nji ýylyň iň ygtybarly pikaplarynyň sanawyny hödürledi. Iň ýokary bahany diňe iki awtoulag aldy. Oňa «Toyota Tundra»-nyň «Crew Cab» kysymy we «Rivian R1T» elektropikapy mynasyp görüldi. Modelleriň ikisi-de geçirilen synaglarda gowy netijeleri görkezdi.



**Dinozawryň täze görnüşi.** Kanadaly paleontologlar Mongoliýadaky Gobi çölünden tapylan dinozawryň daşa öwrülen süňklerini öwrenip açyş etdiler. Şu mahala çenli başga görnüş hasaplanan bu dinozawr 80 million ýyl öň ýaşapdyr. «Khankhuuluu mongoliensis» diýlip atlandyrylan dinozawryň uzynlygy 4 metre, agramy 770 kilograma ýetipdir.



**Maglumat geçiriş tizliginde rekord.** Niderlandlaryň SURF, Finlýandiýanyň CSC we «Nokia» kompaniýasynyň alymlary Amsterdam bilen Kaýaniniň arasynda sekuntda 1,2 terabit tizlikde we 3500 kilometr uzaklykda maglumatlary üstünlikli geçirdiler. Bu üstünlik superkompýuterleriň işini tizleşdirer we maglumatlaryň kwant goragyny üpjün eder.



**Rekord goýdy.** Täze Zelandiýadan 78 ýaşly Meýnard Wilýams 30 minutdan gowrak wagt plankada saklanyp, täze rekord goýdy. Ol şeýle maşky ýerine ýetiren iň garry erkek kişi boldy diýip, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär. Sport bilen yzygiderli meşgullanýan Wilýams bir ýyl bäri planka bilen meşgullanyp gelýär.



**Duzly suwda ereýän plastik.** Ýapon alymlary duzly suwda bir sagatda ereýän plastik materialy işläp taýýarladylar. Plastigiň täze görnüşi şor topraga düşende ululygyna görä 200 sagadyň dowamynda doly dargaýar. Bu material adaty plastiklerden tapawutlylykda duz bilen täsirleşende esasy düzüm böleklerine çenli dargap başlaýar.



**Barlag gämisi işe girizildi.** Hytaýda çuň suwly ýerlerde burawlamaga niýetlenen «Men Sýan» barlag gämisi ulanmaga berildi. Bu gämi buraw enjamyny 11 kilometre çenli düşürmäge ukyply. Hytaýly inženerler tarapyndan gurlan gäminiň uzynlygy 180 metre, ini 33 metre barabar.

## TARYHDA ŞU GÜN



**1895-nji ýylyň 20-nji iýunynda Germaniýada Kilsk kanaly ulanmaga berilýär. Bu kanal Baltika we Demirgazyk deňzini birleşdirýän Ýewropadaky iň uly gämi gatnaýan geçelgeleriň biridir. Kanalyň uzynlygy 98 kilometre, ini 102 metre, çuňlugy 11,3 metre deň. Gurluşygy 8 ýyl dowam eden bu kanal Ýutlandiýa ýarym adasynyň töwereginden geçmek bilen deňeşdirilende, takmynan, 519 kilometr gysgadyr.**

# Wýetnam BRICS-iň hyzmatdaşy boldy

Wýetnam BRICS-e hyzmatdaş ýurt hökmünde goşuldy. Bu barada Wýetnamyň Daşary işler ministrliginiň Maglumat we metbugat bölüminiň müdiri Fam Thu Hang tarapyndan habar berildi.

– BRICS-e başlyklyk edýän Braziliýa Wýetnamyň hyzmatdaş ýurt derejesini alandygyny habar berdi. Wýetnam ösýän ýurtlaryň ähmiýetini güýçlendirmek, halkara raýdaşlygyna we halkara hukuga hormat goýmak esasynda köptaraplaýyn çemeleşmäni ösdürmek maksady bilen işjeň goşant goşmak isleýär – diýip, resmi wekil belledi.

– Halkara integrasiýanyň çäginde Wýetnam köptaraplaýyn mehanizmleriň, guramalaryň we forumlaryň işine amaly goşant goşup, sebitde we bütin dünýäde parahatçylyga, durnuklylyga, hyzmatdaşlyga we ösüşe ýardam berýär – diýip, Fam Thu Hang belledi.

– Wýetnamyň BRICS-iň hyzmatdaş döwletine öwrülmegi dost, ygtybarly hyzmatdaş, halkara jemgyýetçiliginiň işjeň we jogapkär agzasy bolmak üçin garaşsyzlyga, öz-özüni üpjün etmäge, köptaraplaýynlyga we daşary gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen yzygiderli daşary syýasatyny tassyklaýar – diýip, ol belledi.

Şeýlelikde, Wýetnam birleşigiň 10-njy hyzmatdaşy boldy. Häzirki wagtda BRICS-e Braziliýa, Russiýa, Hindistan,




Hytaý, Günorta Afrika Respublikasy, BAE, Eýran, Müsür, Efiopiýa we Indoneziýa ýaly 10 ýurt girýär. Bu bileleşik Braziliýanyň, Russiýanyň, Hindistanyň we Hytaýyň ykdysadyýet ministrleriniň gatnaşmagynda Sankt-Peterburg ykdysady forumynyň çäginde 2009-njy ýylyň iýun aýynda esaslandyryldy.

# Mongoliýanyň täze Premýer-ministri

Mongoliýanyň Prezident administrasiýasynyň başlygy Gombožawyn Zandanşatar ýurduň Beýik döwlet huralynyň (parlament) umumy mejlisinden soň Mongoliýanyň täze Premýer-ministri wezipesine bellendi. Onuň dalaşgärligi Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuh tarapyndan deputatlara hödürlenenden soň, Gombožawyn Zandanşatara kanun çykaryjylaryň 92,3 göterimi ses berdi.

55 ýaşly täze Premýer-ministr 1992-nji ýylda Russiýanyň Irkutsk halk hojalyk institutyny (häzirki Baýkal döwlet uniwersiteti) tamamlaýar. Şol ýyl bu institutdan ykdysadyýet we maliýe ugurlary boýunça magistr derejesini alýar. Zandanşatar 2004-nji ýyldan bäri dört gezek Beýik döwlet huralyna saýlandy. Ol 2009-2012-nji ýyllarda Mongoliýanyň daşary işler ministri bolup işledi. 2017-nji ýyldan 2019-njy ýyla çenli hökümet işleriniň dolandyryjysy, 2019-njy ýyldan



2024-nji ýyla çenli parlamentiň başlygy wezipesini eýeledi.

9-njy iýunda dolandyryjy Mongol halk partiýasy Zandanşataryň ýurduň indiki Premýer-ministri wezipesine dalaşgärligini makullady.

# G7 sammiti geçirildi

15-17-nji iýun aralygynda Kanadanyň Alberta welaýatynyň Kananaskis şäherinde G7 ýurtlarynyň 51-nji sammiti geçirildi. Maslahatyň dowamynda G7 ýurtlarynyň liderleri esasan, halkara söwdasy, global howpsuzlyk, pandemiýadan soňky ykdysady dikeldiş işleri, howanyň üýtgemegi, kiberhowpsuzlyk we saglyk ulgamy ýaly meseleler barada özara pikir alyşdylar.

G7 (Uly ýedilik) ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa we Kanada ýaly ýurtlary öz içine alýan ykdysady taýdan ösen ýedi ýurduň birleşmesidir. Bu maslahata G7 ýurtlarynyň liderlerinden başga-da, birleşige agza bolmadyk Hindistan, Ukraina, Braziliýa, Günorta Afrika Respublikasy, Koreýa Respublikasy, Awstraliýa, Meksika we BAE ýaly ýurtlaryň döwlet Baştutanlary hem gatnaşdy.




Sammit başlamazdan öň, G7 duşuşygyndan soň bilelikdäki beýanatyň berilmejekdigi habar berildi.

# Halkara ykdysady forumy açyldy

18-nji iýunda Russiýada möhüm ykdysady waka bolan Sankt-Peterburg halkara ykdysady forumy (SPIEF) açyldy. Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň geňeşçisi we forumyň Guramaçylyk komitetiniň ýerine ýetiriji sekretary Anton Kobýakowyň aýtmagyna görä, oňa 140 ýurtdan we sebitden 20 müň wekil gatnaşýar. Bu bolsa halkara hyzmatdaşlygyň ugurlaryny we täze global şertlerde durnukly ösüşiň ugurlaryny kesgitleýän amaly çözgütler işlenip düzülen bu platforma islegiň ýokarydygyny görkezýär.

2025-nji ýylda SPIEF «Umumy gymmatlyklar köppolýarly dünýäde ösüşiň esasydyr» şygary bilen geçirilýär. Bahreýn Patyşalygy foruma myhman hökmünde gatnaşdy. Şu ýylky iş maksatnamasy dürli mowzuklary öz içine alýan 150-den gowrak




sessiýany öz içine alýar. Esasy tematiki ugurlar: «Dünýä ykdysadyýeti: global ösüş üçin täze platforma», «Russiýanyň ykdysadyýeti: ösüşiň täze hili», «Täze dünýädäki adam», «Ýaşaýyş gurşawy», «Tehnologiýa: liderlige ymtylmak».

Forum 18-nji iýundan 21-nji iýun aralygynda Sankt-Peterburgda guralyp, 28-nji gezek geçirilýär.

# Muzeýiň açylyşy yza süýşürildi

**Müsüriň Premýer-ministri Mustafa Madbuli Uly Müsür muzeýiniň açylyş dabarasynyň yza süýşürilendigini habar berdi. Ol ilkibaşda 3-nji iýula meýilleşdirilen muzeýiň açylyşynyň şu ýylyň dördünji çärýegine süýşürilendigini aýtdy.**

**Meşhur Giza piramidalarynyň golaýynda ýerleşýän we 500 müň inedördül metr meýdany eýeleýän Uly Müsür muzeýi bir siwilizasiýa bagyşlanan dünýäniň iň uly arheologik muzeýi hasaplanýar. Müsüriň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrliginiň habaryna görä, onda 57 müň töweregi artefakt saklanýar.**

**Muzeýe geljek myhmanlar Tutanhamonyň 1922-nji ýylda ýüze çykarylan aramgähinden tapylan hazynanyň ählisini bir bölümde görüp bilerler. Tutanhamon täze şalygyň XVIII hanadanlygyna degişli bolup, 3 müň ýyl mundan öň Müsüri dolandyrypdyr.**

**Bilermenleriň bellemegine görä, Afrika yklymynda şunuň ýaly tutuş bir medeniýete bagyşlanan iri muzeýiň açylmagy Müsüre gelýän syýahatçylaryň**



**sanynyň has-da artmagyna ýardam berer. Bahasy 1 milliard amerikan dollaryna barabar bolan bu muzeýiň taslamasy Irlandiýanyň «Heneghan Peng» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi.**

# Hindistanyň ilaty 1,5 milliarda ýeter

Hindistanyň ilaty 1,5 milliarda golaýlady. Geljekde bu ýurtda ilatyň sany ýene-de 200 million artar. Bu barada BMG-niň ilat gaznasy (UNFPA) tarapyndan berlen hasabatda aýdylýar.

«Hindistan häzirki wagtda dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolup, takmynan, 1,5 milliard ilaty bar. Geljekde, takmynan, ýene-de 40 ýyldan ilatyň sany azalyp ugramazyndan öň, 1,7 milliarda çenli köpelmegine garaşylýar» diýlip hasabatda bellenilýär. Resminamada Hindistanda bir zenanyň ortaça iki çagasynyň bardygy tassyklanýar.

BMG-niň geçen ýyl ýaýradan «World Population Prospects» hasabatynda şu asyrda Hindistanyň ilatynyň 1960-njy ýyllaryň başyndaky ösüşi ýaly iň ýokary derejä ýetip, takmynan, 1,7 milliarda ýetjekdigi tassyklanýar.

Halkara guramanyň çaklamalaryna görä, tutuş dünýä ilaty 2080-nji ýyllarda 10,3 milliard adama ýeter.

Şu ýylyň başynda Hytaýyň ilatynyň 2024-nji ýylda 1,39 million adam azalyp, 1,408 milliarda deň



bolandygy habar berildi. Geçen ýyl ABŞ-nyň «The Wall Street Journal» gazeti Hytaýyň 2035-nji ýyla çenli ykdysady we demografik meseleler bilen ýüzbe-ýüz bolup biljekdigi barada habar berdi.

# «Toyota» «akylly» şäherini açmakçy

Ýaponiýanyň «Toyota» korporasiýasy şu ýylyň güýzünde naýbaşy taslamanyň – «Woven City» atly «akylly» şäheriniň açylyşyna taýýarlanýar. Bu şäher Tokiodan 140 kilometr uzaklykda, Sidzuoka prefekturasyndaky öňki Higasi-Fudzi zawodynyň ýerinde döredilýär. Şäheriň meýdany 71 gektara barabar.

«Akylly» şäher geljegiň tehnologiýalaryny barlamak üçin özboluşly synag meýdançasy bolar. Bu ýerde robotlar, sürüjisiz ulaglar emeli aň bilen utgaşykly hereket edip, gündelik durmuşyň bir bölegine öwrüler. «Toyota» korporasiýasynyň 100-e golaý işgäri hem-de olaryň maşgalalary şäheriň ilkinji ýaşaýjylary bolar. Geljekki ýyllarda ýaşaýjylaryň sany 360 adama, soňra 2 müňe ýetiriler.

Şäherdäki ýollar pyýadalar, welosipedçiler we robotaksiler ýaly üç ugra bölüner. Elektrik energiýasy Gün panelleri arkaly öndüriler. Şäherde suwy we galyndylary gaýtadan işlemek üçin ýörite tehnologiýalar ornaşdyrylar. Şäheriň ähli tilsimatlary




bir umumy ulgama birikdirilip, bu ýagdaý maglumatlary ýygnamaga, ösen tehnologiýalary hakyky durmuşda synagdan geçirmäge mümkinçilik berer.

– Biz tehnologiýalar arkaly ýaşamak üçin has göwnejaý we ekologiýa taýdan arassa şäheri döredýäris. «Woven City» bütin dünýäde megapolisleriň keşbini özgerdip biljek innowasiýalar üçin hakyky synag meýdançasy bolar – diýip, «Toyota» korporasiýasynyň başlygy Akio Toýoda belledi.



# Iň beýik metro bekedi gurlar

Dubaýda täze metro ugurlarynyň gurluşygyna badalga berildi. Bu taslama şäheriň demirgazyk-gündogar bölegini ösdürmäge, ulaglaryň ýüküni azaltmaga hem-de Halkara howa menzili bilen göni aragatnaşygy üpjün etmäge niýetlenendir. Bu barada «Khaleej Times» neşiri habar berdi.

Maglumatlara görä, «Emaar Properties» menzili esasy desgalaryň biri bolar. Beýikligi 74 metre ýetjek metro bekedi dünýäde iň beýik metro menziline öwrüler. Desganyň açylyşy 2029-njy ýyla meýilleşdirilýär. Metro bekediniň taslamasy «Burj Halifa», «Olympic Tower» we «Willis Tower» ýaly taslamalary bilen tanalýan «Skidmore, Owings & Merrill» (SOM) amerikan binagärlik kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi.

30 kilometre uzaýan täze metro şahasy 14 menzili öz içine alar. Bu ugurda 28 sany häzirki zaman otly ulanylar. Taslamanyň amala aşyrylmagy netijesinde, emirligiň umumy metro ulgamynyň uzynlygy 131 kilometre, menzilleriň sany bolsa 78-e ýeter. «Mawy şaha» diýlip atlandyrylan bu ugur Dubaýyň dokuz sebitini birleşdirer. Otlular sagatda ikitaraplaýyn 46 müň ýolagçyny gatnadar. Desga her günde 160 müň ýolagça hyzmat eder. 2030-njy ýyla çenli gündelik ýolagçy akymynyň 200 müňe ýetmegine garaşylýar.

Täze metro şahasynyň işe girizilmegi ýol dyknyşygyny 20% azaltmaga mümkinçilik berer. Gurluşygyň bahasy 20,5 milliard dirheme (takmynan, 5,6 milliard amerikan dollary) barabar bolar. Gurluşyk işleri Türkiýäniň we Hytaýyň «Mapa», «Limak» we CRRC ýaly kompaniýalary tarapyndan amala aşyrylar.

# Bütindünýä şäher forumy geçiriler

2026-njy ýylyň maý aýynda Azerbaýjanyň paýtagty Bakuda Bütindünýä şäher forumynyň (WUF13) 13-nji mejlisi geçiriler. Bu barada Keniýanyň paýtagty Naýrobide geçirilen BMG-niň ilatly nokatlar boýunça maksatnamasynyň (UN-Habitat) ikinji mejlisinde mälim edildi.

Maksatnamanyň ýerine ýetiriji direktory Anaklaudiýa Rossbah «WUF13»-iň dünýädäki ýaşaýyş jaý meselesini çözmegiň aýratyn zerurlygyna we şäherleriň durnukly ösüşinde onuň esasy ornuna dünýäniň ünsüni çekjekdigini habar berdi.

– Bu forum BMG-niň iň uly platformalarynyň biri bolup, pikir alyşmak, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak, şeýle hem Täze şäher maksatnamasynyň ileri tutulýan ugurlaryna we Durnukly ösüş maksatlaryna laýyklykda, durnukly şäherleri we jemgyýetleri ösdürmek üçin gyzyklanýan taraplary bir ýere jemleýär. «WUF13» forumy «Dünýädäki ýaşaýyş jaý gurluşygy: howpsuz we durnukly şäherler we jemgyýetler» mowzugy astynda geçirilip, ýaşaýyş jaýlaryny has giň şäher ulgamlaryna birleşdirýän amaly çözgütlere ünsi jemlär – diýip, Rossbah aýtdy.

«WUF13» forumynyň milli utgaşdyryjysy we Azerbaýjanyň şäher gurluşyk we binagärlik boýunça döwlet komitetiniň başlygy Anar Guliýew 5 günlük forumyň üstünlikli bolmagyny üpjün etmek üçin ýurduň hökümetiniň hyzmatdaşlaryň giň toparlary bilen ýakyndan işleşmäge taýýardygyny aýtdy. Bütindünýä şäher forumy döredilen gününden bäri dünýäniň 12 şäherinde geçirildi.




# ITALIÝA IŇ ULY ASMA KÖPRI GURMAKÇY

**Italiýanyň hökümeti Messina bogazynyň üstünde asma köpri gurmak meýilnamasy barada habar berdi. Bahasy 13,5 milliard ýewro bolan taslama görä, köpriniň esasy sütünleriniň aralygy 3,3 kilometre deň bolup, bu rekord derejede uzak aralyk bolar. Uzak ýyllardan bäri gurulmagy meýilleşdirilýän bu köpri ýurduň günorta sebitleriniň ösüşi üçin aýratyn ähmiýete eýe bolar.**

**Messina bogazy çylşyrymly gurluşy bilen belli bolup, ol ýerdäki güýçli ýel we ýokary seýsmiki işjeňlik inženerler üçin uly kynçylyk döredýär. Muňa garamazdan, ýurduň infrastruktura ministri Matteo Salwini täze tehnologiýalaryň bu kynçylyklary çözmäge mümkinçilik berýändigini we «ulag aragatnaşygynda özgerişlik» geçirip biljekdigini belledi.**

**Häzirki wagtda Sisiliýa bilen Kalabriýa adalarynyň Italiýanyň gury ýer bölegi bilen baglanyşygynyň bolmazlygy ykdysadyýete ýylda 6,5 milliard ýewro möçberde zyýan ýetirýär. Matteo Salwini taslama amala aşyrylan ýagdaýynda müňlerçe iş ornunyň döreljekdigini belleýär.**





# HINDI UMMANYNYŇ GÖZELLIGI

Hindi ummanynda ýerleşýän Maldiw adalary ak çägeli kenarlary, mawy deňzi, tropik howasy, onlarça kaşaň dynç alyş ýerleri, şeýle hem deňiz derejesinden beýikde bolmadyk tekiz adalary bilen tanalýar. 298 inedördül kilometr meýdany tutýan Maldiw adalary Günorta Aziýanyň gury ýer meýdany boýunça iň kiçi ýurdy hasaplanýar. Adanyň esasy dili ýerli maldiwian dili bolup, syýahatçylar bilen düşünişmek üçin iňlis dili ulanylýar. Ýurduň merkezi şäheri Male dünýäniň iň kiçi paýtagty we gür ilatly şäherleriniň biridir. Ada döwletiniň pul birligi maldiw rufiýasy bolup, bazarlarda, esasan, ter we kakadylan tropik miweler, deňiz jandarlarynyň gabygyndan ýasalan bezeg şaýlary we balygyň dürli görnüşleri satylýar.

Maldiw adalary ululy-kiçili 1200 adadan ybarat bolup, şol adalaryň diňe 200-sinde ilat ýaşaýar. Ilaty 540 müň töweregi bolan Maldiw adalarynda 1972-nji ýylda ilkinji dynç alyş merkezi açylýar. Syýahatçylyk pudagynda täze syýahatçylyk mekany hasaplanýan Maldiwlere 50 ýyl bäri syýahatçy barýar. Maldiw adalaryna gaýykly ýa-da uçarly baryp bolýar. Köpçüligiň ünsüni özüne çekýän ada döwletinde syýahatçylar üçin niýetlenen ýörite myhmanhanalar bolup, deňizde ýüzmek, gämili ýa-da uçarly gezelenç etmek, sport bilen meşgullanmak hem-de kenarýakalarda gijeki gezelençler ýaly çäreler hödürlenýär. Adada restoranlaryň dürli görnüşi bolup, ýerli Aziýa naharlary, Ýewropa tagamlary, deňiz jandarlaryndan taýýarlanan iýmitler, tropik miwelerden içimlikler we işdäaçarlar taýýarlanylýar. Bulardan başga-da, Maldiw adalaryna baran syýahatçylara «Dört möwsüm» meýilnamasy hödürlenýär. Maldiw adalary tomusda syýahat edilmeli iň ajaýyp ýerleriň biridir. Maldiw adalaryna ýanyň bilen öý jandarlaryny eltmek gadagan edilýär.

Maldiw adalary ak çägeli kenarlary bilen meşhurdyr. Bu ýerdäki ak çägeler deňiz jandarlarynyň galyndylaryndan emele gelipdir. Şol sebäpli ak çägede aşa yssy howada hem aýakýalaňaç gezip bolýar. Maldiwler deňiz derejesi boýunça dünýäniň iň pesde ýerleşýän döwleti hasaplanýar. Adalaryň iň beýigi suwdan 2,5 metr ýokarda ýerleşýär. Howanyň ýylylygynyň üýtgeýändigine (28-32 dereje aralygynda) garamazdan, adalaryň kenaryndaky deňiz suwy ýylyň dowamynda 24 derejede saklanýar. Ýurduň kenarlary suwasty jandarlara baý bolup, adalaryň kenarynda deňiz jandarlarynyň tas ählisi diýen ýaly ýaşaýar. Deňizde 700-den gowrak görnüşli balyk, leňňeç we suw guşlarynyň birnäçesi bar. Şeýle hem adada ganatyny açanynda 1,5 metre ýetýän miwe ýarganaty ýaşaýar.

Ýerli halkyň aglabasy irki döwürlerden bäri balykçylyk bilen meşgullanýar. Adalaryň arasyndaky gatnawlar suwa gonýan kiçi uçarlar we gaýyklar arkaly amala aşyrylýar. Ýurduň Halkara howa menzili paýtagt bilen adybir adanyň golaýyndaky Hulhule adasynda ýerleşýär. Bu ýerde ýerli gatnawlara niýetlenen suw uçarlary üçin terminal bar. Käbir adada hiç hili awtoulag bolman, welosiped sürülýär. Şeýle hem ilat ýaşamaýan, diňe myhmanhana toplumy gurlan adalar hem bar. Ýurtda sport görnüşleriniň arasyndan futbola we badmintona uly üns berilýär.

# «Wimbledonda» näme üçin ak eginbaş geýilýär?

**Iň gadymy tennis ýaryşy bolan «Wimbledonda» geçirilýän oýunlara syn edeniňizde tennisçileriň ählisiniň birmeňzeş geýinýändigini gören bolsaňyz gerek. «Wimbledon» tennis ýaryşynda korta çykýan türgenler ak eginbaşy bilen tapawutlanýar. Eýsem, oýunçylaryň sport aýakgabyndan başlap başgabyna çenli ak reňkde geýinmegi nämäni alamatlandyrýar? Tennis ýaryşyndaky bu egin-eşik stili näçenji ýyllardan gözbaş alýar?**

Sport ýaryşlarynda, esasan hem, ikiçäk geçirilýän we çaltlygy talap edýän oýunlarda türgenler aşa köp derleýärler. Derlemek bedeniň biologik gurluşy bilen bagly bolup, sport ýaryşlarynda munuň öňüni almak üçin birnäçe çözgütler işlenip düzülýär. Bularyň biri hem «Wimbledon» tennis ýaryşy üçin oýlanyp tapylan ak sport eginbaşlarydyr.

«Wimbledon» tennis ýaryşlarynda ak egin-eşik geýmek 1800-nji ýyllardan gözbaş alýar. Bu düzgün dünýäniň iň abraýly tennis ýaryşyny beýlekilerden tapawutlandyrmak üçin girizilýär. Şol ýyllardan soň «Wimbledona» gatnaşýan türgenler meýdança ak egin-eşikde çykýarlar. Ilkibaşda türgenleriň nägilelik bildirendigine garamazdan, bu düzgün köpçülik tarapyndan goldanylýar. Reňkli egin-eşiklerde deriň yzynyň görünýändigi sebäpli «Wimbledon» tennis ýaryşynda «owadan geýinmek» çözgüdi has netijeli bolýar. Sebäbi ak eginbaşlarda deriň yzy tomaşaçylara görünmeýär.



Tennis estetik taýdan owadan hereketler bilen baglanyşykly sport görnüşi bolup, oýunlar ýörite meýdançada – kortda geçirilýär. Tennis meýdançasynyň esasy 3 görnüşi bolup, olara otly meýdança, toýunsow meýdança we rezin düşelen gaty meýdança degişli. Tennis kortunyň uzynlygy 23,77 metr bolup, meýdançanyň ini ýekelikdäki oýunlar üçin 8,23 metre, jübütler üçin 10,97 metre deň. Meýdançanyň merkezinden geçýän toruň beýikligi 91 santimetr (iki gapdaly 1,07 metr) bolup, uzynlygy 12,8 metre barabar. Tennis oýunlarynda uzakdan synlanyňda hereketi äşgär görünýän sarymtyl-ýaşyl top ulanylýar. 1877-nji ýylyň 9-njy iýulynda Wimbledonda ilkinji gazon tennis ýaryşy geçirilip, ýekelikde geçirilen oýunlara 22 höwesjeň gatnaşýar. Şol ýylyň 19-njy iýulynda geçirilen final oýnuna 200-e golaý tomaşaçy janköýerlik edýär. Finalda iňlis türgeni Spenser Gor ýeňiş gazanyp, «Wimbledon» tennis ýaryşlarynyň ilkinji çempiony bolýar.

# Gara tüwi barada eşitdiňizmi?



**Biz gündelik durmuşda däneli iýmitleriň biri bolan tüwiniň, adatça ak görnüşini görýäris. Göräýmäge suwy aşa köp talap edýän bu ösümligiň dänesi diňe ak reňkde bolaýjak ýaly. Emma tüwiniň sary, goňur, gyzgylt, hatda gara görnüşi hem bar. Eýsem, siz gara tüwi barada eşidipdiňizmi? Gara tüwiniň adaty tüwüden näme tapawudy barka?**

Gara tüwi beýleki tüwülerden ýokumlylygy, süýjümtik tagamy we ýumşaklygy bilen tapawutlanýar. Müňlerçe ýyl bäri tüwiniň bu görnüşi Aziýa ýurtlarynda ekilip gelinýär. Hytaýda irki döwürlerde «gadagan tüwi» diýlip atlandyrylan gara tüwi elýetmez iýmit hasaplanypdyr. Hytaýlaryň ynançlaryna görä, gara tüwini diňe imperatoryň maşgalasy we baý emeldarlar iýmeli diýen garaýyş bolupdyr. Sebäbi tüwiniň bu görnüşini iýýän adamlar sagdyn bolýar we uzak ýaşaýar diýen ynanç bolupdyr. Häzirki wagtda hem hytaý halk lukmançylygynda hassalary bejermekde gara tüwi ulanylýar.

Soňky ýyllarda gara tüwini islendik ýurtda we islendik restoranda görmek bolýar. Gara tüwi öňler işdäaçarlara goşulan bolsa, häzirki wagtda bu tüwüden dürli görnüşli tagamlar taýýarlanylýar.

### SAGLYGA PEÝDASY

Gara tüwüde tüwiniň beýleki görnüşleri bilen deňeşdirilende ýokumly maddalar köp. Esasan hem, öýjükleriň zeperlenmeginiň öňüni alýan antioksidant pigmentleri bar. Bu madda tüwiniň reňkine hem täsirini ýetirip, garamtyl reňk berýär. Gara tüwi görşi gowulandyrmakdan başlap, düwnük, süýji keseli we ýürek-damar ýetmezçilikleriniň öňüni almaga ýardam edýär. Şeýle hem içegelerdäki ýokançlyklary azaltmaga kömek edýär. Gara tüwüde E witamini, demir, kalsiý, kaliý ýaly maddalar, belok, süýüm we ýokary derejede antioksidant saklanýar.

Ak tüwä garanyňda, gara tüwini bişirmek üçin has uzak wagt gerek bolýar. Şol sebäpli gara tüwini ilki 30-60 minut çemesi suwda ezip goýmaly. Soňra taýýarlamak isleýän naharyňyza görä gara tüwini 1 sagat töweregi bişirmeli. Gara tüwini gaýnatmak, gowurmak we buglamak arkaly dürli tagamlary taýýarlap bolýar. Köp ýurtda gara tüwi adaty tüwi bilen garylyp bişirilýär. Bişmedik gara tüwini howa geçmeýän gapda 6 aýa çenli saklap bolýar. Gara tüwi Hytaýda, Tailandda, Indoneziýada, Filippinlerde we Hindistanda ösdürilip ýetişdirilýär. Her ýyl dünýäde 500 million tonna gara tüwi öndürilýär.

## ÇAGALAR

**Wombatlar uzynlygy 20 metre, ini 3 metre ýetýän ýerasty hinleri gazyp, maşgala bolup ýaşaýarlar.**

# Awstraliýada ýaşaýan utanjaň jandar

**Awstraliýada ýaşaýan endemik jandarlaryň biri bolan wombat daşyndan göräýmäge aýa ýa-da ullakan hamstere meňzeýär. Bedenindäki aýratynlyklara seredeniňde koala hem çalym edýär. Süýdemdirijileriň hordalylar görnüşine degişli bolan bu jandaryň bedeniniň uzynlygy 70-130 santimetre, agramy 20-45 kilograma ýetýär. Ullakan kelleli, çalymtyl-goňur sütükli, kiçijik gözli bu jandaryň keltejik guýrugy bar. Sagatda 40 kilometr tizlik bilen ylgap bilýän wombatyň bäş barmagynyň dördüsi ýiti dyrnakly bolup, ony ýer gazmakda peýdalanýar. Bu jandaryň görşi pesräk bolup, eşitmek we ys almak duýgusy has ösendir. Daşky howplardan goranmak üçin çaltlyk bilen agaja çykyp, suwa çümüp hem-de ylgap bilýär. «Tunel gazyjylar» adyny alan bu jandarlar ullakan hinleri gazýarlar we howp abanan ýagdaýynda hininiň agzyny gum bilen ýapyp goýýarlar. Wombatlar gündizine gaçybatalgalarda dynç alyp, gijesine awa çykýarlar. Olaryň esasy iýmiti otlaryň ter ýapragy bolup, käwagt ösümlik kökleri, kömelekdir miweler bilen hem iýmitlenýärler. Geň galmaly ýeri, bularyň iýmit alyş-çalşygy gaty haýal bolup, iýmit siňdirmegi üçin 14 gün gerek. Wombat düýeden soň suwsuzlyga iň çydamly süýdemdiriji hasaplanýar.**

**Wombatlar irki süýdemdirijileriň biri bolup, Awstraliýanyň gündogar we günorta sebitlerinde, Wiktoriýa, Täze Günorta Uels, Kwinslend we Tasmaniýa ştatlarynda dürli tebigy şertlerde ýaşaýarlar. Awstraliýanyň käbir fermalarynda «utanjaň jandarlar» öý haýwanlary hökmünde hem saklanýar.**



### WOMBATLAR BARADA

- Wombatlar howp dörese, kellesi bilen süsmek arkaly özüni goraýar.
- Wombatlaryň hem kengurularyňky ýaly çaga göterýän haltajygy bar.
- «Tunel gazyjylar» uzynlygy 20 metre, ini 3 metre ýetýän ýerasty hinleri gazyp, maşgala bolup ýaşaýarlar.
- Olaryň iýmit siňdirmegi üçin 14 gün gerek. Wombat uzak wagtlap iýmit siňdirmegi bilen tapawutlanýan ýeke-täk jandardyr. Bu jandarlar her gün 22 ml suw bilen oňup bilýärler.
- Wombatyň iň ýakyn garyndaşy koala hasaplanýar.
- Wombatyň bary-ýogy 4 dişi bar: ýokarky äňinde 2, aşaky äňinde 2 sany.
- Täze Günorta Uels ştatynda bu jandaryň adyny göterýän Wombat şäheri bar.

# Üzümmi ýa-da garpyz?



Gerkin turşy hyýary, syçan garpyzy ýa-da pepinos diýlip atlandyrylýan «melothria scabra» hyýarlar maşgalasynyň bir görnüşidir. Bu miwäniň ata Watany Meksika we Merkezi Amerika hasaplanýar. Baldagy üzüme meňzeş bu miwe tohumy arkaly köpelýär. «Meksika kiçi garpyzy» ady bilen tanalýan bu miwäniň ululygy üzüm ýaly bolup, tagamy edil hyýara meňzeýär.

Köp we yzygiderli hasyl berýän bu ösümlik çalt ösýär. Boýy 2,5-3 metre ýetýän bu ösümlik 60-75 günüň içinde hasyl berýär. Amerikada Meksika kiçi garpyzy birýyllyk ösdürilýän bolsa, käbir ýurtda bu ösümlik köp ýyllap ösýär. Gurak howa şertlerine çydamly bolan bu ösümligi adaty ekerançylyk şertlerinde ösdürip ýetişdirip bolýar. Adam saglygy üçin peýdaly bolan süýjümtik tagamly bu miwe terligine iýilýär. Şeýle hem işdäaçarlar taýýarlanylýar.

Meksika kiçi garpyzyna meňzeş ösümlige ýurdumyzda hem duş gelmek bolýar. Oňa göýül diýilýär. Ýiti ysly, baldagy tikenli bu ösümlik ýere ýazylyp ösýär. Göýüliň miwesi awgust we sentýabr aýlarynda ýetişýär.

### Jandarlara öýüne barmaga kömek ediň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!





### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



### Gyzykly pursat



# Afrika yklymynyň iň beýik nokady

Bilşimiz ýaly, dünýäniň iň beýik depesi bolan Ewerest dagy Nepal bilen Hytaýyň araçäginde, Günorta Aziýanyň Uly Gimalaý daglarynda ýerleşýär. 8848 metr beýiklikdäki bu depe 1852-nji ýylda Ýeriň üstündäki iň beýik nokat hökmünde ykrar edilýär. Tanzaniýada ýerleşýän Kilimanjaro dagy bolsa Afrika yklymynyň iň beýik depesi hasaplanýar. Bu dagyň iň beýik depesi 5895 metr belentlige deňdir. «Uly wulkan» diýen manyny aňladýan Kilimanjaro 3 bölekden: Kibo, Mawenzi we Şira dag gerişlerinden ybarat bolup, iň beýigi Kibo hasaplanýar.

Alymlar 360 müň ýyl mundan ozal wulkan atylmagynyň netijesinde Kilimanjaro dagynyň emele gelendigini belleýärler. Bu dag köpçülige üsti gar bilen örtülen, töweregine şahalap gidýän tegelek gümmez şekilinde bellidir. Nemes geografy Gans Meýer bilen awstriýaly alpinist Lýudwig Purçeller 1889-njy ýylda Kilimanjaronyň iň beýik depesine çykan ilkinji adamlar bolýar. Şondan soň syýahatçylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe bolan bu daga her ýyl 10 müňlerçe alpinist gelýär. 1973-nji ýylda dagyň ýerleşýän ýeri we daş-töweregindäki tokaý zolagy Kilimanjaro milli seýilgähi diýlip atlandyrylýar.



Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!
Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

*Doluhan kyssalary*

# OWAZA ÝUGRULAN DÜNÝÄ

Türkmen milli aýdym-saz sungatynyň özboluşly owazyny, şirin heňini, inçeligini, ruhy ýakymyny dünýä ýüzüne meşhur eden ussatlaryň hersiniň saz çalmakda, aýdym aýtmakda öz ýoly, öz labzy, öz ussatlygy bar. Türkmen aýdym-sazlarynda ýaşaýşa hyjuw, ynsana söýgi, bu owadan barlyga mähir-muhabbet duýgulary joş urýar. Özüniň şirin owazy bilen şeýle şirin aýdym-sazlary dünýä inderip, ile-güne ýetirip bilýän ussatlar ähli döwürde-de halkyň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolupdyr, toý-tomguda ýa adaty günlerde olara öý-ojagyň türünden orun berlipdir, islendik pursatda çäksiz sylag-hormat bilen garalypdyr. Şolaryň biri-de zehinli estrada bagşysy Taňryguly Gurbangulyýewdir.

Bagşynyň kakasy Gurbanguly aga hem aýdym-sazdan habarly bolupdyr, dutarda saz çalypdyr. Uzakdaky öri meýdanda – Doluhanda çopançylyk edýän wagtlary hem aýdym-saz Gurbanguly aganyň ýakyn hemrasy bolupdyr.

1957-nji ýylyň 6-njy maýynda Tejen etrabynyň Amanşagapan obasynda ýaşaýan Gurbanguly agadyr Ogultäç gelnejäniň maşgalasynda ýene bir şatlykly waka bolýar. «Buşluk, ogul jigimiz boldy!» diýen şadyýan sesler ýaňlanýar. Kakageldiden, Sapargeldiden, Myratgeldiden soň, maşgalanyň dördünji ogly Taňryguly dogulýar. Taňrygulydan soň, Bäşimdir Gülälek hem maşgalanyň şatlygyny goşalandyrýar.

Taňryguly 3-4-nji synpda özüni göreldeli okuwçylaryň hatarynda tanadýar. Onuň çagalykdan aýdym-saza bolan höwesini aňan oba mugallymlary ýörite gurnaga gatnap, bu ugurdan kämilleşmegi üçin Taňrygula ýardamlaryny berýärler, ony mekdepleriň arasynda geçirilýän gözden geçirilişlere alyp gidip, bäşleşiklere gatnaşdyryp, 1-nji orna mynasyp bolandygyny aýdýarlar. Ol eýýäm 5-6-njy synpdaka etrapda geçirilýän dabaralarda, festiwallarda çykyş edip başlaýar, şirin owazy bilen diňleýjileriň ünsüni özüne çekýär, birnäçe hormat hatlaryna mynasyp bolýar, 10-njy synpy tamamlaýança, halk köpçüliginiň içinde «Taňňy bagşy» ady bilen giňden tanalyp başlanýar. 1972-1973-nji ýyllarda Aşgabatda aýdym-saz ugrundan ýörite bilim alýar. 1975-1977-nji ýyllarda Watan öňündäki gulluk borjuny berjaý edip geleninden soň, aýdym-saz bilen ymykly meşgullanyp, özüniň ykbalyny sungata doly baglaýar, meşhurlyga, şan-şöhrata eýe bolýar.

Ol sungat ýoluna juda ir başlaýar. 1966-njy ýylda halypa bagşy Öwezgeldi Tekäýew oba toýa gelýär. Taňňy şol wagtlar 3-nji synpda okaýan bolsa-da, ýaşdygyna garamazdan, aýdymy örän gowy aýdýar. Onuň aýdyma höwesekdigini bilen Öwezgeldi halypa «Hany, şu oglanjygy diňläp göreýin» diýip, sazandalary bilen bile özi hem saz çalyp, aýdym aýtdyryp, Taňrygulyny diňleýär. Soňra oňa mähir hem buýsanç bilen garap şeýle diýýär:

– Gowy aýdýan ekeniň, oglum, sen hökman bagşy bolarsyň.

– Sag bol, Öwezgeldi aga, taňryýalkasyn!

Halypanyň beren bahasy ýaşajyk bagşa uly täsir edýär. Onuň owazlar dünýäsinde ganat ýaýyp uçasy gelýär. Dogrusy, bu berlen baha halypanyň ýaşajyk şägirde beren ak patasy bolýar. Taňrygulynyň aýdym aýdyşyny gowy görüp, heniz 6-njy synpdaka Medeniýet öýüne işe hem alýarlar. Şol ýerde-de bir ýyl aýdym aýdýar.

Bagşy obadaşy hem garyndaş agasy Osman bilen çagalykdan bile oýnaýar, bile önüp-ösýär. 1972-nji ýylda ejesi Ogultäç gelneje tapbiler hem ezber Osmany ýanyna çagyryp şeýle diýýär:





– Sen, oglum, Taňrygulynyň okuwa girmegine kömek et, Aşgabada äkit, orta hünär okuw mekdepleriniň birine ýerleşdirjek bol!

Onsoň Osman ony paýtagta Medeni aň-bilim tehnikumyna alyp gidýär. Ýanynda-da häzirki estrada aýdymçysy Döwlet Maşadyň agasy Derýa Beki bar.

Şol ýerde-de olar Gurbannazar Hojagulyýew diýip bir mugallym bilen gabatlaşýarlar. Bu sypaýy hem mähremadamyň ýardamy bilen ähli işleri düzelýär duruberýär. Şeýdip Taňrygulyny okuwa kabul edýärler, ol şol ýerde aýdym-saz ugrundan bilim alýar, kämilleşýär.

Soňra Taňryguly Tejen etrabynyň Ak altyn obasynda ýerleşýän Oba hojalyk tehnikumynda hem okaýar. Şol ýerde-de belli sazanda Şana, ýagny Şanazar Saparow bilen tanyşýar, onuň bilen toýlara gidip başlaýar. Taňrygulynyň özi hem saz çalýar, Şanazar depçisi, zehinli sazanda Hakgyş, ýagny Hakberdi Hudaýberdiýew hem akkordeonçysy. Özlerem garyndaş bolup, Hakberdiniň ejesi Aýna eje Taňrygulynyň kakasy Gurbanguly aganyň aýal doganydy.

Wagtyň geçmegi bilen ol obadaşy, zehinli sazanda Aşyrgeldi bilen işleşýär. Şeýdip Taňryguly ýuwaş-ýuwaşdan adygyp başlaýar. Ilki-ilkiler Öwezgeldi Tekäýewiň «Aramyzda», «Daýza jan», «Bagt lälesin kakan gyz» ýaly aýdymlaryny aýdýar. Soň öz ýoluny tapýar, özüçe aýdýar. Ol hindi aýdymlaryny hem aýdýar. Şeýdip uly estrada aýdymçysy bolup gidýär. Asyl ony ýurdumyzyň dürli künjeklerinden toýa çagyryp ugraýarlar. Balkandan, Daşoguzdan gelip, Taňrygulydan toýuň sähedini alyp gidýärler, ýagny aýdym aýtdyrmak üçin, toýlaryny onuň boş gününe gabatlap tutýarlar. Toýa çenli onuň adyny hala dokap, oňa sowgat beren gezekleri hem bolýar. «Balkanly garyndaşlar Taňrygulyny gowy görerdiler. Köçede görseler hem, «Taňňy bagşy gelýär» diýşip, daşy adamdan dolýardy» diýip, Osman aga ýatlaýar. Şeýdip ol tutuş ýurdumyzda tanalýar.

1990-njy ýylda Osman dostlary bilen Balkanabada gawun satmaga gidýärler. Olar ulagda gawun satyp otyrkalar, birden biri gelýär-de, olardan soraýar:

– Waharman näçeden?

Osman «ýalt» edip seredende çagalyk dosty Taňrygula gözi düşýär:

– Oh-ow, Taňňy jan, senm-aý bu, ýa gözüme görünýäňmi?

– Özüm-how, Osman kaka!

Olar gadyrly salamlaşýarlar.

– Taňňy jan, tüýs wagtynda geldiň, men nahar iýip gelýänçäm, şu ýerde otur.

Şeýle diýýär-de, Osman gyssagly garbak-gurbak edinmäge gidýär. Naharlanyp dolanyp gelende bolsa gözlerine ynanmaýar.

– Geliň, gawun satylýar, Tejen waharmany, gök, sary waharman, top-torly, müşki-anbar ysly waharman. Gawun-a geliň, gawun-a!

«Taňňy bagşy gawun satýar» diýip, bu ýere adam bary üýşýär. Her kim Taňrygulyny görjek bolýar.

Alyjylar az-kem böwşeňlänsoň, Osman oňa ýüzlenýär:

– Ýogsa-da, inim, sen bu ýerlerde näme işläp ýörsüň?

Bagşy Osmanyň özüne sowal berýär:

– Haý, agam jan, bazaryň daşyna çykyp göreňokmy?

– Çykýan.

– Üns beren dälsiň! Bar-da, täzeden seret! Derwezäň agzynda bildiriş ýazylandyr.

Baryp görse, hakykatdan-da, derwezäniň agzynda bildiriş ýazylgy:

«Taňňy Gurbangulyýew aýdym aýdýar».

Taňryguly hemişeki şadyýanlygy bilen ýylgyryp, Osmana garaýar:

– Men bir aý bäri şu ýerde, agam! Mollagarada-da konsert berdik. Şypahanada dynç alýanlar aýdym-sazy gaty gowy görýän ekenler.

Bagşy Balkanabatda ýaşaýan garyndaşlarynyň öýünde bolup, şol töwereklerde hem konsert berýär.

Bagşynyň obadaşy hem sazandasy Aşyrgeldi aga hem özüniň aýdym-saz sungatyna gelşi, Taňňy bagşy bilen bagly wakalary höwes bilen ýatlaýar.

Bir gezek Taňrygulydyr Aşyrgeldi Magtymguly etrabyna toýa gidýärler. Toý ýerine gelenlerinden soň öý eýesi olara ýüzlenýär:

– Şu hepde etrabymyzda şeýle bir toý kän. Şu günüň özünde sekiz toý bar. Taňryguly jan, bir biliňi guşap, gowuja aýdarsyň-da!

– Nesip bolsa, agam, elimden gelenini gaýgyrmaryn.

Toý başlanýar, aýdym-saz ýaňlanyp ugraýar. Bagşy kem-kemden belent heňlere çykyp, durky-düýrmegi bilen owaza öwrülýär, aýdym-sazyň sesi çar ýana ýaň salýar, millet bary hem üýşýär. Bu toýa şeýle bir köp adam üýşýär welin diýip-aýdar ýaly bolmaýar. Şol barmana toýa bir adam gelýär-de bagşa şeýle diýýär:

– Keýwany ikimiz seniň ýanyňa ýörite gaýtdyk, bagşy! Hol köçede biz hem şu wagt oglumyzy öýerýäs. Seni diňlejek bolup biziň toý ýerimizde adam galmady.

Onuň sözlerine tutuş toý märekesi gülüşýär.

Onýança toý eýesi hem gelýär:

– Bagşy, sesiň çykanok-la?

Oňa bolan ýagdaýy aýdýarlar. Toý eýesi bilen ýaňky gelen adamlar tirkeşip gidýärler. Birsalymdan toý eýesiniň ýeke özi gelýär:

– Taňryguly jan, düşünişdim, köşeşdirdim olary. Sen arkaýyn aýdyber, asyl sekiz toýuň adamsy bize ýygnanan bolaýsa nätjek?! Ýaşyň uzyn bolsun, şu aýdyşyňa aýdyber, ýaňy nähili aýdan bolsaň!

Aşyrgeldi 1984-1987-nji ýyllarda obalaryndaky Medeniýet öýüniň ýolbaşçysy bolup işlän döwürlerinde tomus möwsüminde obanyň toraňňylara bürenip oturan ýerinde çagalaryň üç aýlyk dynç alyş merkezi ýerleşýärdi. Taňňy bagşy hem şol ýerde işleýär, çagalara aýdym aýdyp berýär.

Taňryguly örän adamkärçilikli, şahandaz, göwnaçyk adam bolup, birine kömek etmeli bolsa hemişe döwtalap bolýar. Özi bilmezden biriniň göwnüne degäýse-de, şoňa näçe wagtlap ökünip gezýär. Baryp «Bagyşla!» diýmegi özüne asla kiçilik bilmeýär.

Bir gezek asly Tejenden bolan hoşgylaw ýigit, Gämi oba hassahanasynda lukman bolup işlän Annamämmet Nurberdi ogly öz ulagynda paýtagtyň köçeleri bilen gidip barýar. Ulagda bolsa Taňňy Gurbangulyýewiň aýtmagynda onuň özüniň döreden «Tejenli läläm», «Gitdiň, Jeren!», «Eziz doganym», «Jan ejem», «Läläm, hoş indi!», «Şasoltan», «Baharym», «Bossanym», «Ogulgerek» ýaly aýdymlary ýaňlanýardy. Oňa ýolda geýnüwli bir adam hem ýoldaş bolýar:

– Taňňy bagşyny diňleýäňmi?

– Hä, hawa. Aý, onuň owazy başgaça geläýýär.

– Ýanynda akkordeon çalýany tanaýaňmy?

– Aý, anyk bilemok welin, Gurbanmyrat Dagbaşyň çalşyna meňzeýär.

– Men-dä şol.

Annamämmet «ýalt» edip onuň ýüzüne seredýär:

– Eý-ho, Gurbanmyrat aga, dogrudanam özüňmi bu?

Ulagda oturan hakykatdan-da il içinde «Aýna gyz» aýdymy bilen tanalan Gurbanmyrat Dagbaşyýewdi. Ol, hakykatdan-da, bir döwürler Taňrygulynyň ýanynda akkordeon çalypdy.

Meşhur estrada ýyldyzy Nurmuhammet Meredow hem Taňryguly Gurbangulyýewiň ençeme aýdymlaryny ýerine ýetirýär. Taňryguly bagşynyň döreden «Bileje okan gyzlarym», «Güle gül ýüzüňe döneýin», «Akmaýa gyza», «Utulan Maýam», «Aýterek-günterek», «Seýle gideli», «Enebaý», «Eneşim», «Şekerim», «Güldesse», «Gülsonamy ýitirdim», «Tawusym», «Ýar aglar», «Jan ejem dälmi?» ýaly aýdymlary beýleki sungat ussatlarynyň arasynda hem juda meşhur. Ol özüniň ukyp-başarnygy bilen estrada sungatynyň täze Tejen ýoluny kemala getirýär. Zehinli aýdymçy-bagşylar Gündogdy Deňliýew, Mälikberdi Gubaýew, Kakajan Nuryýew, Kakyş Nazarow, Dörtguly Hezretow, Söýün Hojaberdiýew, Döwlet Maşadow, Ataş Welmyradow, Ahmet Öwezmyradow ýaly ençeme aýdymçy-bagşylar ol ýoluň has-da kämilleşmegine öz mynasyp goşantlaryny goşdular.

Taňrygulynyň aýdym-saz topary daýhanlaryň arasyna baryp, medeni-dynç alyş hyzmatlaryny hem ýerine ýetirýärler, günortan aýdym-saz edip, daýhanlaryň armasyny ýetirýärler. Pagta ýygymy döwürlerinde bolsa olaryň ýatymlyk bolup, gijelerine konsert berýän wagtlary hem az bolmaýar. Olaryň ýerine ýetirýän aýdym-sazlary teşne göwünlere tenekar bolup ornaýar. Doluhan ýaýlasynda, gadymy Atgyranda, Nuraly düzlerinde Taňryguly bagşynyň owazy ýaňlanýar.

Taňrygulynyň ýanýoldaşy Mawy gelneje bagşyny hemişe ýagşylykda ýatlaýar. Ogullary Şiraly bolsa özüniň aýdym-saz sungaty bilen halk arasynda öçmez yz goýup giden kakasynyň medeni mirasyny toplamakda, ile-güne ýetirmekde tagallalaryny gaýgyrmaýar.

**Bäşim ATAÝEW.**

## 20-nji SKANWORD



Merdan ÝAZMURADOW, *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## 38-nji KROSSWORD



**KESELIGINE:** **1.** Gyz ady. **6.** Suw guýulýan jüründikli gap. **9.** Türkiýäniň syýahatçylyk obalarynyň biri. **10.** Baky, mydamalyk. **11.** Güýç, kuwwat. **12.** Afrikada bir döwlet. **16.** Ýalňyz, ýeke. **20.** Gözi goramak üçin ulanylýan esbap. **23.** Medeni ösümlikleriň düýbüni ýumşadyp, olary haşal otlardan arassalaýyş işi. **24.** Kanadaly aýdymçy ... Fabian. **25.** Sena. **26.** Daşary ýurt gyz ady. **27.** «...-Madrid» futbol topary. **28.** Bedeniň daşky örtügi. **30.** ...-kanun. **32.** Uçaryň galyş güýjüni döredýän iki ýana uzalyp gidýän bölegi. **34.** Aşhana guraly. **37.** Stol oýny. **41.** «Könesi bolmadygyň ... bolmaz» (nakyl). **42.** Ýagdaý, alaç. **43.** Ýurdumyzda bir goraghana. **44.** Gamşyň köki. **45.** Wengriýanyň awtobus öndürýän kompaniýasy.

**DIKLIGINE:** **1.** Miwe. **2.** Endam. **3.** Gapy, girelge-çykalga. **4.** Mylaýym, gyzgyn bolmadyk. **5.** Naryň bir görnüşi. **6.** Santehnik enjamlaryny öndürýän nemes kompaniýasy. **7.** Aýagyň aşak ýüzi. **8.** Ýiti bolmadyk. **13.** Ýewropada bir döwlet. **14.** Planetamyzy ortadan deň ikä bölýän hyýaly çyzyk. **15.** Ägirt, äpet. **17.** Özüňi alyp barmagyň düzgünleri. **18.** Ýapon awtoulag kompaniýasy. **19.** «... - myrat» (nakyl). **20.** «Ol galadan daşary çykdy, meýdana girdi, ... diledi» («Gorkut ata» eposy). **21.** Ýarmak häsiýeti bolan (it hakynda). **22.** Ygtyýar. **29.** «Bu ýerde tüwi, ýag, ..., käşir näçe diýseň bar» (A. Gowşudow, «Mähri-Wepa» romanyndan). **31.** Nota. **32.** Somsa. **33.** Oglan ady. **35.** Nemes futbolçysy ... Matteus. **36.** Düýäniň piri ... baba. **37.** Dürli akrobatlaryň, masgarabazlaryň oýunlary görkezilýän tomaşa jaýy. **38.** Gum tümmegi, alaň. **39.** «Giç ýat-da ir tur, ... pişegi artyk ur» (nakyl). **40.** Eýer-gaňňany arkada saklaýan gaýyş, ýüp.

**Nurmyrat MUHAMMETMYRADOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

36-njy krosswordyň jogaby:



37-nji krosswordyň jogaby:



19-njy skanwordyň jogaby:



# Kubok ýaryşynda ýarym finalçylar belli boldy

Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda çärýek finalyň jogap duşuşyklary geçirildi. 1-nji oýunda jogapsyz 6 gol geçiren «Arkadag» topary «Nebitçi» toparyny myhmançylykda hem ýeňlişe sezewar etdi. 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» toparynyň gollaryny 7-nji minutda Begenç Akmämmedow, 13-nji minutda Şanazar Tirkişow hem-de 49-njy minutda Didar Durdyýew geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 42-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan Hydyr Ýakubow öz adyna ýazdyrdy.

«Köpetdag» bilen «Ahalyň» arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Şol goly hem 8-nji minutda Daýanç Meredow derweзä girizdi we «Ahal» topary ýarym finala çykmagy başardy. Duşuşygyň 78-nji minutynda «Köpetdagdan» Batyr Geldiýew 2-nji sary kartdan soň meýdançadan çykaryldy. Iki toparyň arasyndaky 1-nji oýun 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy.

Çekeleşikli geçen oýunda «Aşgabat» topary öz meýdançasynda hem «Altyn Asyr» toparyny ýeňmegiň hötdesinden geldi. Öz meýdançasynda 3–2 hasabynda ýeňen «Aşgabat» topary 1-nji oýunda 2–1 utupdy. Jogap oýnunda «Aşgabat» toparyna ýeňiş getiren gollaryň 3-sini hem Bäşim Gurbanberdiýew öz adyna ýazdyryp, ol 21-nji, 31-nji hem-de 86-njy minutlarda tapawutlandy. «Altyn Asyr» toparyndan Röwşengeldi Halmämmedowyň 4-nji we 37-nji minutlarda geçiren gollary aragatnaşykçylara ýeterlik bolmady.

1-nji oýny golsuz geçen «Merw» bilen «Şagadamyň» arasyndaky duşuşykda myhmanlar 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Her ýarymda 2 gol salan «Şagadam» toparynyň adyndan Aşyr Jumadurdyýew (18), Yhlas Magtymow (45+2 p), Ýagşysäher Döwletgeldiýew (57, p) hem-de Selim Ataýew (61) tapawutlandy. «Merwiň» ýeke-täk pökgüsini 81-nji minutda Myrat Öwezmyradow derweзä girizdi.

Şunlukda, ýarym finalda «Arkadag» topary «Aşgabat» topary bilen duşuşsa, «Ahal» bilen «Şagadam» toparlary özara güýç synanyşarlar.

**13-nji tapgyryň duşuşyklary**

● Futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynda 13-nji tapgyryň duşuşyklary geçirildi. Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Aşgabat» toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. Her ýarymda 1 gol geçiren «Arkadag» toparynyň adyndan 23-nji minutda Begmyrat Rejebow bilen 82-nji minutda Altymyrat Annadurdyýew tapawutlandy.

Myhmançylykda ýeňiş gazanan toparlaryň ýene biri «Ahal» topary boldy. Maryda ýerli «Merw» bilen duşuşan «Ahal» topary 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda «Ahal» toparynyň gollaryny Alibek Abdyrahmanow (5), Elman Tagaýew (63 p) hem-de Magtymguly Berenow (65) geçirdi. Ýer eýeleri «Merwiň» ýeke-täk pökgüsini bolsa 41-nji minutda Şöhrat Owmadow öz adyna ýazdyrdy. Duşuşygyň ahyrynda «Merwden» 2, «Ahaldan» 1 futbolçy gyzyl kart aldy.

Hazarýaka şäherde «Şagadam» topary bilen «Altyn Asyr» kluby duşuşyp, duşuşyk ýer eýeleriniň ýeňşi bilen tamamlandy. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Şagadam» toparynyň gollaryny 45-nji minutda Mekan Aşyrow bilen 76-njy minutda Süleýman Mirzoýew geçirdi. «Altyn Asyr» toparyndan Zafar Babajanowyň 84-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi.

Wagty öňe süýşürilen duşuşykda «Nebitçi» topary öz meýdançasynda «Köpetdag» toparyny Myrat Amantaganowyň 3-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda utupdy.

# Çempionlygyny goramagy başardy

**Amerikan Milli hokkeý ligasy NHL-de çempion, ýagny Stenli Kubogynyň eýesi final duşuşyklarynyň altynjysynda belli boldy. Geçen möwsümiň gaýtalanan finalynda «Florida Panters» çempionlygyny goramagy başardy.**

6-njy duşuşyk Floridadaky «Amerant Bank Arena»-da geçirilip, ýer eýeleri «Florida Panters» topary «Edmonton Oilersi» 5:1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda garşydaşlarynyň her ýalňyşynda tapawutlanan Säm Reinhart 4 şaýbany öz adyna ýazdyrdy. Ol duşuşygyň 4-nji, 37-nji, 53-nji we 54-nji minutlarynda tapawutlanmagy başardy. «Florida Pantersiň» beýleki goluny 19-njy minutda Matýuw Tkaçak derweзä girizdi. Kanadalylaryň ýeketäk şaýbasyny 55-nji minutda Wasiliý Podkolzin geçirdi. Şeýlelikde, umumy hasapda 4:2 öňe saýlanan «Florida Panters» topary bassyr 2-nji çempionlygyny baýram etdi.



Iki toparyň arasyndaky 1-nji oýunda «Edmonton Oilers» öz meýdançasynda owertaýmda 4:3, 2-nji oýun hem Kanadada geçirilip, «Florida Panters» 2 owertaýmyň netijesinde 5:4 ýeňiş gazandy. 3-4-nji duşuşyklar Floridada geçirildi we ýer eýeleri olaryň ilkinjisinde 6:1 hasabynda garşydaşyndan üstün çykdy. 4-nji duşuşyk owertaýmyň netijesinde «Edmonton Oilersiň» peýdasyna tamamlandy (5:4).

Kanadanyň Alberta şäherinde oýnalan 5-nji duşuşykda 5:2 üstün çykan «Florida Panters» bassyr 2-nji ýeňşine golaýlady. 6-njy oýny-da öz meýdançasynda geçiren floridalylar garşydaşynyň hasaby deňlemegine ygtyýar bermedi we çempionlygyny goramagyň hötdesinden geldi.

«Florida Panters» topary 1996-njy we 2023-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi.

Bassyr 2-nji gezek finalda utulan «Edmonton Oilers» toparyna 1990-njy ýyldan bäri Stenli Kubogyny gazanmak başardanok. 1984-nji, 1985-nji, 1987-nji, 1988-nji we 1990-njy ýyllarda, jemi 5 gezek çempionlyk gazanan «Edmonton Oilers» 4-nji sapar finalda asgyn geldi (1983, 2006, 2024, 2025). Toparyň derwezeçisi Kori Perri soňky 6 ýylda 5-nji gezek finalda ýeňlişe sezewar boldy. Ol 2020-nji ýylda «Dallas Stars», 2021-nji ýylda «Monreal Kanadiens», 2022-nji ýylda «Tampa Baý Laýtning», soňky 2 ýylda-da «Edmonton Oilers» kluby bilen finalda utuldy.

1916-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýän NHL-de ilkinji ýeňiji «Monreal Kanadiens» 24, «Toronto Mäpl Lifs» 13, «Detroit Red Wings» 11, «Boston Bruins» 6, «Çikago Bläkhawks» 6, «Edmonton Oilers» 5 gezek çempionlyk gazandy.

# MONREALDA «MERCEDES» TOPARY ÖŇE SAÝLANDY

Formula 1 boýunça möwsümiň 10-njy ýaryşy Kanadanyň Monreal şäherindäki Žill Willnýow trassasynda geçirildi. 70 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda «Mercedes» toparynyň pilotlary öňe saýlandy.

Ýaryşda ilkinji hatardan bat alan «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýeňiji boldy. Ol pellehana 1 sagat 31 minut 52,688 sekuntda gelip, möwsümdäki 1-nji, karýerasy boýunça-da 4-nji ýeňşini baýram etdi. Rassellden sähelçe yza galan, ýagny 0,288 sekunt soň pellehana gelen «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 2-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň italýan pilotу Andrea Kimi Antonelli ýeňijiden 1,014 sekunt az netije bilen 3-nji orna mynasyp boldy. 18 ýaşyndaky sürüji F1-de münbere çykmagy başaran iň ýaş 3-nji pilot hökmünde bellige alyndy.




Sanawyň lideri, «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi ýaryşy 4-nji orunda tamamlady. «Ferrari» toparynyň pilotlary – monakoly Şarl Lekler bilen britaniýaly Lýuwis Hamilton 5-6-njy orunlary eýelediler.

10-njy ýaryşdan soň sürüjileriň sanawynda Oskar Piastri 198 utuk bilen öňde barýar. Onuň topardaşy Lando Norris 176 utuk bilen 2-nji ýeri eýeleýär. Maks Werstappeniň 155, Jorj Rasselliň 136, Şarl Lekleriň 104 utugy bar.

Möwsümiň 11-nji ýaryşy 29-njy iýunda Awstriýanyň Spilberg şäherindäki «Red Bull» trassasynda geçiriler.

# «Oklahoma Siti Tander» ýeňşe bir ädim golaý

**Amerikan Milli basketbol ligasy NBA-da final oýunlarynyň 5 duşuşygy tamamlandy. 4-5-nji oýunlarda «Oklahoma Siti Tander» topary ýeňiş gazanyp, umumy hasapda öňe saýlandy. 4-nji duşuşykda «Indiana Peýsersiň» meýdançasynda 111:104 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu duşuşykdan soň umumy hasap deňlendi. Duşuşykda oklahomalylaryň ýeňşine ýylyň iň ökde oýunçysy Şeý Giljes-Aleksander 35 utuklyk goşant goşdy.**

**Toparlaryň arasyndaky 5-nji duşuşyk «Oklahoma Siti Tanderiň» meýdançasynda geçirildi. Turuwbaşdan erjel oýun görkezen ýer eýeleri 120:109 hasap bilen ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda ýeňiş gazanan topardan Jalen Williams 40, Şeý Giljes-Aleksander 31 utuk geçirmegi başardy. Bu ýeňişden soň umumy hasapda öňe saýlanan «Oklahoma Siti Tander» çempionlyga 1 ädim golaýlady. Toparlaryň arasyndaky 6-njy duşuşyk şu gün Indianapolisde geçiriler.**




# 1-nji DUŞUŞYKLAR TAMAMLANDY

**Ýekşenbe güni badalga alan FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklar tamamlandy. Deňme-deň tamamlanan 5 duşuşygyň 3-sinde hasap açylmady.**




Çempionatyň açylyş duşuşygynda «A» toparçada «Inter Maýami» bilen «Al-Ahli» toparynyň arasyndaky oýunda hasap açylmady. Duşuşygyň dowamynda müsürliler penalti urgusyndan peýdalanyp bilmedi. Toparçadaky beýleki oýun hem golsuz tamamlandy. Ýagny, Braziliýanyň «Palmeiras» topary bilen Portugaliýanyň «Porto» toparynyň arasyndaky duşuşykdan gol sesi eşidilmedi.

«B» toparçada UEFA Çempionlar Ligasynyň ýeňijisi PSŽ topary ispanlaryň «Atletiko Madrid» toparyny 4–0 hasabynda ýeňdi. Jedelli hem-de dartgynly pursatlara baý bolan oýunda parižlileriň gollaryny Fabian (19), Witinýa



(45+1), Maýulu (87) hem-de Li Kan In (90+7 p) geçirdi. Rumyniýaly Iştwan Kowaçyň jürlewük çalan oýnunda madridlilerden Lengle 78-nji minutda gyzyl kart aldy. Kowaç PSŽ-niň «Interi» 5–0 hasap bilen ýeňen UEFA Çempionlar Ligasynyň finalynda hem eminlik edipdi.

Toparçadaky beýleki duşuşykda Braziliýanyň «Palmeiras» topary ýerli topar «Sietl Saundersi» Kunýa hem-de Igor Žesusyň gollary bilen 2–1 ýeňdi. Amerikanlaryň ýeke-täk goluny 75-nji minutda Kristian Roldan geçirdi.

**«Bawariýa» gol baryny ýagdyrdy**

● «C» toparçada Germaniýanyň «Bawariýa» topary Sinsinnatide Täze Zelandiýanyň wekili, doly derejede professional bolmadyk oýunçylardan düzülen «Oklend Sitiniň» derwezesinden jogapsyz 10 pökgi girizdi. Gollaryň 6-sy 1-nji, galan 4-si bolsa 2-nji ýarymda hasaba alyndy. Jamal Musialanyň (67, 73, 84 p) het-trik eden duşuşygynda Kingsli Koman (6,



21), Mihail Olise (20, 45+3) hem-de Tomas Müller (45, 89) dagy 2 goldan geçirdi. Sag gyraky goragçy Saşa Boeý (18) hem tapawutlanyp, ol toparynyň 2-nji goluny öz adyna ýazdyrdy. Bu netije ýaryşyň çägindäki iň uly hasap hökmünde bellige alyndy. Şu ýaryşdan soň «Bawariýa» bilen hoşlaşjak Tomas Mülleriň klubdaky geçiren gollarynyň sany 250-ä ýetdi.

**Argentin klubunyň ýeňşine argentinaly futbolçylar böwet boldy**

● «C» toparçada Argentinanyň wekili «Boka Huniors» bilen Portugaliýanyň «Benfika» topary duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly



geçen oýunda ýeňiş gazanan bolmady. «Boka Huniors» topary Merentiel (21) hem-de Battalianyň (27) gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne portugal kluby hem ruhdan düşmän, duşuşyk tamamlanmazdan öň argentinaly futbolçylarynyň gollary bilen hasaby deňlemegi başardy. 45+3-nji minutda penaltini dürs uran Anhel Di Mariýa bilen 84-nji minutda tapawutlanan Nikolas Otamendi hasaby deňlän oýunçylar boldy. Dartgyny az bolmadyk oýunda «Boka Huniorsdan» Ander Herrera 45-nji minutda (oýundan çykanyndan soň aldy) hem-de Nikolas Figal 78-nji minutda, «Benfikadan» bolsa Andrea Belotti 70-nji minutda gyzyl kart aldy.

«D» toparçada «Çelsi» topary Meksikanyň «Leon» toparynyň ornuna ýaryşa goşulan ABŞ-nyň «Los Anjeles FK» toparyndan Pedro Neto hem-de Enzo Fernandesiň gollary bilen 2–0 hasabynda üstün çykdy. Toparçadaky beýleki duşuşyk hem şol hasap bilen tamamlanyp, Braziliýanyň «Flamengo» topary «Esperans de Tunis» toparyny De Arraskaetanyň hem-de Luiz Arauhonyň gollary bilen utmagy başardy.

**«Inter» hem-de «Real Madrid» deňlik bilen başlady**

● «E» toparçada Italiýanyň «Inter» topary bilen Meksikanyň «Monterreý» topary duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda meksikan kluby



meşhur goragçysy Serhio Ramosyň 25-nji minutdaky goly bilen öňe saýlandy. «Inter» bu gola 42-nji minutda Lautara Martinesiň goly bilen jogap berdi.

Şeýle-de, «Riwer Pleýt» (Argentina) kluby



ýaponlaryň «Urawa Red Daýmonds» toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda argentin toparynyň adyndan Kolidio 12, Driussi 48 hem-de Meza 73, ýapon klubunyň adyndanam Matsuo (58 p) tapawutlandy.

«F» toparçada «Fluminense» bilen «Borussiýa Dortmundyň» arasyndaky oýunda hasap açylmady. Bu oýun şu ýaryşda golsuz tamamlanan 3-nji duşuşyk boldy. Günorta Afrikanyň wekili «Mamelodi Sandawns» koreýleriň «Ulsan HD» toparyny Raýnersiň 36-njy minutdaky goly esasynda 1–0 utdy.

«G» toparçada Ýewropanyň toparlary gol geçirtmezden ýeňiş gazanmagy başardy. «Ýuwentus» BAE-niň «Al Ain» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. Gollaryň 2-sini Kolo Muani, 2-sini Konseýsau, ýene birini bolsa Kenan Ýyldyz öz atlaryna ýazdyrdylar. Ýaryşyň faworitlerinden «Mançester Siti» topary Marokkonyň «Widad» toparyny Foden bilen Dokunyň gollary esasynda 2–0 hasap bilen utdy.

«H» toparçada «Real Madrid» bilen «Al Hilalyň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. 1-nji ýarymy arap klubunyň üstünliginde geçen duşuşykda «Realyň» goluny 34-nji minutda ýaş hüjümçi Gonzalo Garsiýa geçirdi. Arakesmeden öň arap kluby Neweşiň 11 metrlik jerime urgusyndan salan goly bilen hasaby deňledi. Oýnuň soňky minutlarynda ispanlara öňe geçmek üçin mümkinçilik bolsa-da, Walwerdeniň uran penaltisini marokkoly derwezeçi Ýassin Bunu saklamagyň hötdesinden geldi.



Meksikanyň «Paçuka» topary bilen Awstriýanyň «Red Bull Salsburg» toparynyň arasyndaky oýunda ýewropalylar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy.

**TOPARÇALARDAKY 1-nji DUŞUŞYKLARYŇ NETIJELERI**

«A»: **Al-Ahli — Inter Maýami: 0–0, Palmeiras — Porto: 0–0**

«B»: **PSŽ — Atletiko Madrid: 4–0** *(Fabian Ruiz 19, Witinýa 45+1, Maýulu 87, Li Kan In 90+7 p),* **Botafoga — Sietl Saunders: 2–1** *(Kunýa 28, Igor Žesus 44 — K. Roldan 75)*

«C»: **Bawariýa — Oklend Siti: 10–0** (Koman 6, 21, Boeý 18, Olise 20, 45+3, Müller 45, 89, Musiala 67, 73 p, 84), **Boka Huniors — Benfika: 2–2** *(Merentiel 21, Battalia 27 — Di Mariýa 45+3 p, Otamendi 84*

«D»: **Çelsi — Los Anjeles FK: 2–0** *(Neto 34, Fernandes 79),* **Flamengo — Esperans de Tunis: 2–0** *(De Arraskaeta 17, Luiz Arauho 70)*

«E»: **Riwer Pleýt — Urawa Red Daýmonds: 3–1** *(Kolidio 12, Driussi 48, Meza 73 — Matsuo 58 p),* **Monterreý — Inter: 1–1** *(Serhio Ramos 25 — L. Martines 42)*

«F»: **Fluminense — Borussiýa D: 0–0, Ulsan HD — Mamelodi Sandawns: 0–1** *(Raýners 36)*

«G»: **Mançester Siti — Widad: 2–0** *(Foden 2, Doku 42),* **Al Ain — Ýuwentus: 0–5** *(Kolo Muani 11, 45+4, Konseýsau 21, 58, Ýyldyz 31)*

«H»: **Real Madrid — Al Hilal: 1–1** *(Gonzalo Garsiýa 34 — Neweş 41 p),* **Paçuka — Red Bull Salsburg: 1–2** *(Gonzales 56 — Gluh 42, Onisiwo 76)*



# Meksika bilen Kosta Rikanyň ýygyndylary – ilkinji çärýek finalçylar

**Häzirki wagtda ABŞ-da FIFA Klublar Dünýä Kubogy bilen bir hatarda, başga halkara futbol bäsleşigi hem geçirilýär. Demirgazyk we merkezi Amerika hem-de Karibler zolagynyň KONKAKAF Altyn Kubogy (CONCACAF Gold Cup) ýaryşy geçirilip, oňa 16 ýygyndy gatnaşýar. Bu bäsleşigiň duşuşyklary FIFA Klublar Dünýä Kubogy ýaryşynyň geçirilýän şäherlerinden daşgary 12 şäherdäki 13 stadionda oýnalýar. Şeýle-de, Kanadanyň Wankuwer şäheri-de çempionatyň çägindäki 1 duşuşygy kabul etdi. Saud Arabystanynyň milli ýygyndysy bu bäsleşige myhman topar hökmünde çagyryldy.**

Toparçalarda 1-nji duşuşyklar tamamlanyp, «A» toparçada Meksika Dominikan Respublikasynyň ýygyndysyny 3–2, Kosta Rikanyň milli topary bolsa Surinamyň ýygyndysyny 4–3 hasabynda ýeňdi. Bu toparçada toparlar 2-nji duşuşyklaryny hem geçirip, çärýek finala çykan toparlar belli boldy. Meksikanyň ýygyndysy Surinamyň ýygyndysyny Montesiň gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Dominikan Respublikasynyň milli toparyny ýeňen Kosta Rika hem edil Meksika ýaly utugyny 6-a çykardy. Netijede, Meksika bilen Kosta Rikanyň ýygyndylary çärýek finala adyny ýazdyryp, olaryň haýsysynyň toparçany 1-nji orunda tamamlajakdyklary özara duşuşykdan soň belli bolar.

«B» toparçada Kanadanyň ýygyndysy Wankuwerde Gondurasyň milli toparynyň derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdi. Dik Adwokatyň tälimçiligindäki Kýurasaonyň milli ýygyndysy bilen Salwadoryň oýnunda hasap açylmady.

«C» toparçada Panama Gwadelupany 5–2, Gwatemala bolsa Ýamaýkany Santisiň ýeke-täk goly bilen 1–0 utdy.

«D» toparçada ýer eýesi ABŞ-nyň ýygyndysy Trinidad we Tobagonyň milli ýygyndysyny 5–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda amerikanlaryň gollaryny Tillman (2), Agemang, B. Aaronson hem-de Haji Raýt geçirdi. Ýaryşyň myhmany Saud Arabystanynyň ýygyndysy Gaitiniň milli toparyny Al-Şehriniň (21 p) ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi.

**«A»:** Meksika — Dominikan Respublikasy: 3–2, Kosta Rika — Surinam: 4–3; Kosta Rika — Dominikan Respublikasy: 2–1, Surinam — Meksika: 0–2

**«B»:** Kýurasao — Salwador: 0–0, Kanada — Gonduras: 6–0

**«C»:** Panama — Gwadelupa: 5–2, Ýamaýka — Gwatemala: 0–1

**«D»:** ABŞ — Trinidad we Tobago: 5–0, Gaiti — Saud Arabystany: 0–1



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# Aşaky liga düşýänçä ähli möwsümde çykyş eden ýeke-täk topardy

Germaniýanyň çempionaty «Bundesliganyň» 2024/25 möwsümi «Bawariýanyň» çempionlygy bilen tamamlandy. 1 ýyllyk arakesmeden



soň Germaniýanyň çempionatyndaky 35-nji çempionlygyny baýram eden «Bawariýanyň» şu ýeňşi bilen bilelikde möwsümde ýene bir waka ünsi çekýär. Ol hem «Hamburg SV» toparynyň 7 ýyldan soň «Bundesliga» dolanmagydyr. «Bundesliganyň» 6 gezek çempiony, Germaniýanyň Kubogyny 3 sapar alan, Çempionlar Ligasynyň (1983) hem ýeňijisi «Hamburg» topary indi «Bundesligada» çykyş eder.

2018-nji ýyla çenli «Hamburg» kluby «Bundesliganyň» esaslandyrylmagyndan bäri ähli möwsüminde çykyş eden ýeke-täk topardy («Bawariýa» «Bundesliganyň» ilkinji möwsüminde (1962/63) çykyş etmeýär). 2017/18 möwsüminiň iň soňky tapgyrynyň soňky minutlarynda demirgazyk germaniýalylaryň bu statistikasy tamamlanypdy. Olaryň täzeden degişli ýerine, ýagny «Bundesliga» dolanmagy üçin 7 ýyl gerek bolýar. Ýöne şol 7 ýylyň 6 möwsümi-de olar üçin lapykeç ýagdaýda geçip, her gezekde-de «Hamburg» soňky tapgyrlarda ýokary liga dolanmagyň bosagasyndan gaýdýar. «Hamburg» topary ahyry 7-nji möwsümde şol gaýtalanýan çarhy tersine öwürmegi başarýar.

«Bundesligada» 2017/18 möwsüminiň iň soňky tapgyry. «Hamburg» topary öz meýdançasynda «Borussiýa M» toparyny kabul edýär. «Köln» bolsa öz meýdançasynda «Wolfsburg» bilen duşuşýar. «Hamburgyň» ligada galmagy üçin ýeňiş gazanmagy, şol bir wagtyň özünde-de, Kölniň hem ýeňilmezligi gerek. «Hamburg» 2–1 hasabynda ýeňiş gazanýar, ýöne Kölnden gelen habar bar keýpi gaçyrýar. «Wolfsburg» myhmançylykda



«Kölni» 4-1 hasabynda utýar. Şeýlelikde, 1963-nji ýylda esaslandyrylan «Bundesliganyň» başyndan bäri çykyş edip gelýän ýeke-täk topary «Hamburg» aşaky liga düşýär we bu derejesini ýitirýär. Bu ýagdaý janköýerlere örän agyr degýär. Topar bolsa aşaky liga düşmegiň sarsgynyndan saplanyp, 1 möwsümden soň täzeden esasy öýlerine, ýagny «Bundesliga» dolanmagyň aladasyny edip başlaýar. Ýöne bu ýeňil düşmeýär. Şowsuzlyklaryň yzy üzülmeýär.

«Bundesliga 2»-däki ilkinji möwsüminde (2018/19) ýaryşyň 3-den 2 bölegi tamamlananda, «Hamburg» 1-nji basgançakda orun alýar. Ýöne soňky 10 tapgyrda ýagdaýlar üýtgeýär. 25–34-nji tapgyrlarda diňe 1 oýunda



ýeňiş gazanan «Hamburg» öz meýdançasynda «Ingolştadt» hem-de «Paderborn» toparlaryndan utulýar we 4-nji orna düşüp, olaryň «Bundesliga» çykmak arzuwy indiki möwsüme galýar.

2019/20 möwsümi. «Hamburg» topary bu gezek hem täze möwsüme şowly başlaýar. «Bundesliga» sary barýan topara soňky 11 tapgyrda bir döw-ä çalýar. 11 duşuşygyň diňe 2-sinde ýeňiş gazanýar. Özleri üçin möwsümiň iň wajyp oýnunda öz meýdançasynda «Sandhauzenden» 5-1 hasabynda ýeňilýär. 4-nji ýeri eýeläp, pleý-offda oýnamak mümkinçiligini 1 utuk bilen elden gidermýär.

2020/21 möwsüminde-de şol ssenariýa gaýtalanýar. 22 tapgyr liderligi özünde saklasa-da, soňy ýene-de üýtgemeýär. Gysga wagtda 4-nji orna düşýär. Soňky 7 oýnuň 2-sinde ýeňiş gazanyp, 4-sinde utulýar (1 deňlik). Netijede, bassyr 3-nji möwsümi 4-nji orunda tamamlaýar.

2021/22 möwsüminde umumylykda durnukly ýörişini saklan «Hamburg» topary «Bundesliga 2»-ni 3-nji orunda tamamlaýar. «Bundesligany» 16-njy basgançakda jemlän «Herta Berlin» bilen pleý-off duşuşygyny geçirmäge hukuk gazanýar. 1-nji oýunda Berlinde 1-0 hasabynda üstün çykyp, ýeňiş




bilen dolanýar. Ýöne öz meýdançasynda 2-0 hasabynda utulyp, «Bundesliga» çykmak arzuwyny indiki ýyla süýşürýär.

2022/23 möwsümi. «Hamburg» topary ýene-de şowsuzlyga uçraýar. Soňky tapgyryň öňüsyrasynda 2-nji orunda barýar. Bu «Bundesliganyň» peteginiň ýarysy diýmek bolup, iň soňky oýnuň ahyrlarynda stadionda «Hamburgyň» ýokary liga çykandygy eşitdirilýär. Stadiondaky janköýerleriň şowhunynyň çägi bolmaýar. Ýöne şol şatlyk-şagalaňyň ornuny gysga wagtda gaýgy-gam gaplap alýar. «Haýdenhaým» topary goşmaça wagtda «Re-



gensburg» toparynyň derwezesinden 2 gol geçirýär. Bu ýeňiş «Haýdenhaýmy» 2-nji orna çykarýar we olar taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» çykyş etmäge hukuk gazanýar. 3-nji orna düşen «hamburgly» futbolçylar agza-burna gelen «Bundesliga» petegini elden gidermegiň tukatlygy bilen pleý-offda «Ştutgartdan» 2 oýunda-da asgyn gelýär.

2023/24 möwsümi. «Hamburg» topary çempionatda uzak wagtlap öňdäki üçlükden aşak düşmeýär. Ýöne möwsümiň ykbalyny kesgitleýän oýunlary utuksyz tamamlap, ýene bir ýola şol şowsuzlyk ssenarisiniň gaýtalanmagyna sebäp bolýar. Bu möwsümde-de «Bundesliga» çykmak miýesser etmeýär.

Ine-de, ahyry, 2024/25 möwsüm, «Hamburgyň» 7 ýyllyk şowsuzlygynyň soňy bolýar. 7 ýyllyk arzuw amala aşýar. 33-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Ulm» toparyny kabul eden «Hamburg» garşydaşynyň 7-nji minutda öňe geçendigine garamazdan, 6-1 hasabynda ýeňşini baýram edýär.

Utugyny 59-a çykaryp, 3-nji orundaky «Elwersbergden» 4 utuk öňe saýlanýar we möwsümiň tamamlanmagyna 1 tapgyr galanda öz mynasyp ýerinde, «Bundesligada» çykyş etmäge hukuk gazanýar. «Volksparkstadion»-a ýygnanan 57 müň janköýer üçin stadion hakyky baýramçylyk meýdançasyna öwrülýär. Merlin Polziniň tälimçiligindäki «Hamburgyň» indiki maksady bolsa, ýene-de ozalkylar ýaly «Bundesliganyň» ymykly wekiline öwrülmek.

**«Hamburgdan» başga «Köln» hem «Bundesliga» çykdy**

● Germaniýada «Hamburgdan» başga «Köln» topary-da «Bundesliga» dolandy. Iki liganyň arasynda ýygy-ýygydan gatnaw edýänligi bilen meşhurlyk gazanan «Köln» topary 2019-2024-nji ýyllar aralygynda 5 möwsüm üznüksiz «Bundesligada» çykyş edipdi. Taryhynda ilkinji gezek «Bundesligada» çykyş eden «Holştaýn Kiel» toparynyň bu başdan geçirmesi 1 ýyl dowam etdi. Şeýle-de, «Bohum» topary 4 ýyldan soň ýene-de 2-nji liga düşdi.

**Parižde 35 ýyldan soň ilkinji derbi oýnalar**

● Fransiýanyň çempionatynda pleý-offda utulan «Reýms», şol sanda «Sent-Etien» bilen «Monpelie» toparlary «Ligue 2»-ä düşdüler. «Reýms» 6, «Sent-Etien» 1 hem-de «Monpelie» 16 ýyldan soň «Ligue 1» bilen hoşlaşdy. 2-nji ligany 1-2-nji orun-



larda tamamlan «Loriýan» bilen «Pariž FK» toparlary «Ligue 1»-de oýnamaga hukuk gazandy. Pleý-offda «Reýmsi» ýeňen «Mets» bolsa edil «Loriýan» ýaly 1 ýyldan soň ýene-de ýokary liga dolandy. Şeýle-de, «Pariž FK» klubunyň ýokary liga çykmagy bilen Fransiýanyň çempionaty «Ligue 1»-de 35 ýyldan soň ilkinji gezek paýtagt derbisi oýnalar. Çempionatda soňky gezek 1989/90 möwsüminde PSŽ bilen «Rasing Klub Pariž» (häzirki «Rasing») toparlarynyň arasynda Pariž derbisi geçirilipdi. Geçen ýylyň oktýabr aýynda fransiýaly işewür Bernar Žan-Etien Arno tarapyndan satyn alnan «Pariž FK» topary soňky gezek 1978/79 möwsüminde, ýagny 46 ýyl ozal ýurduň iň ýokary ligasynda oýnapdy. Ýeri gelende bellesek, klub öz ýerli duşuşyklaryny «Stade Sebastien Charlety»-de oýnaýardy. Şu ýyldan başlap «Stade Jean-Bouin»-e göçen klubuň täze stadiony PSŽ toparynyň stadionynyň duldegşir goňşusy bolup, olaryň ikisiniň arasynda bir köçe bar. Iki stadionyň aralygy 80-100 metr çemesi bolup, bir wagtda geçiriljek duşuşyklar mahalynda janköýerleriň sesi iki tarapa-da eşidiler.

**«La Ligada» täze toparmy ýa-da ...**

● Ispaniýanyň «La Ligasynda» «Leganes», «Las Palmas» hem-de «Walýadolid» toparlary aşaky liga düşen klublar boldy. Olaryň deregine «Lewante» bilen «Elçe» degişlilikde, 3 we 2 ýyllyk arakesmeden «La Ligada» çykyş etmäge hukuk gazandylar. 3-nji topar bolsa şenbe güni belli bolar. Bu ugurda taryhynda ilkinji gezek «La Liga» çykmaga dyrjaşýan «Mirandes» bilen 24 möwsümden soň ýokary liga çykmakçy bolýan «Real Owiedo» göreşýär. Iki topáryň arasyndaky 1-nji oýunda «Mirandes» 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy.

**34 ýyldan soň «Serie A»-da**

● «Serie A»-da «Empoli», «Wenesiýa», «Monza» toparlary aşaky liga düşdi. Olaryň ornuna «Serie B»-den «Sassuolo», «Pisa» hem-de pleý-off tapgyrynyň ýeňijisi «Kremonese» toparlary «Serie A»-da çykyş etmäge hukuk gazandy. «Sassuolo» 1, «Piza» 34, «Kremoneze» 2 ýyldan soň «Serie A» dolandy.

**Ýene-de gelşi ýaly gitdiler**

● Angliýanyň «Premier Ligasynda» «Lester Siti», «Ipswiç Tawn» hem-de «Southempton» toparlary 1 ýyldan soň gelişleri ýaly ýene-de 2-nji liga dolandylar. Angliýada bassyr 2-nji, umumylykda-da 3-nji gezek ýokary liga çykan toparlar 1 ýyldan soň 2-nji liga düşdüler (1997/98, 2023/24, 2024/25). Olaryň ornuna «Lids Ýunaýted» 2, «Börnli» 1, «Sanderland» 8 ýyldan soň «Premier Liga» gaýdyp geldi.

# TOPARLARYŇ TÄZE TÄLIMÇILERI

**Italiýanyň milli ýygyndysyny Gattuzo türgenleşdirer**

Dünýä Kubogynyň 4 gezek çempiony Italiýanyň milli ýygyndysynyň tälimçisi çalyşdy. 2014 we 2018 Dünýä Kubogy ýaryşlaryna gatnaşyp bilmedik italýanlaryň bassyr 3-nji gezek hem futbolyň iň uly ýaryşynyň daşynda galmagy mümkin. Saýlama tapgyryna şowsuz başlan Italiýanyň milli toparynyň tälimçisi Luçano Spalletti wezipesinden boşadyldy. Onuň ornuna birnäçe dalaşgär bolup, olaryň ilkinji ikisi – Klaudio Ranieri bilen Stefano Piolini bu wezipä geçmekden ýüz öwürdiler.

Federasiýa bolsa 3-nji dalaşgär bilen ylalaşyk gazandy. Ýagny, mundan soň Italiýanyň milli ýygyndysyna Jennaro Gattuzo tälimçilik eder. Futbolçylyk ýyllarynda uly şöhratyň eýesi bolan Gattuzonyň tälimçiligi şol derejede başarnykly hasaplanmaýar. Geçen möwsümde Horwatiýanyň çempionatynda «Haýduk Split» toparyny türgenleşdiren Gattuzo Italiýanyň milli ýygyndysy bilen şertnama baglaşdy. Ol häzirlikçe 2026-njy ýylyň awgustyna çenli (ýagny Dünýä Kubogy tamamlanýança) şertnama gol çekişdi. Leonardo Bonuççi, Andrea Barzali ýaly ozalky futbolçylar bolsa oňa ýardam bererler.



Futbolçylyk ýyllarynyň agramly bölegini «Milanda» geçiren Gattuzo «Peruja», «Reýnjers», «Salernitana» hem-de «Sion» ýaly klublarda hem oýnady. «Sionda» tälimçilige başlap, «Palermo», «OFI Krete», «Piza», «Milan», «Napoli», «Walensiýa», «Marsel» hem-de «Haýduk Split» toparlaryny türgenleşdirdi.

**Gasperini «Romanyň», Ýuriç «Atalantanyň» tälimçisi boldy**

● Italiýanyň çempionatynda möwsüm tamamlanandan soň birnäçe klub tälimçisini çalyşdy. «Interdir» «Milan» hem-de «Lasiodan» soň «Roma» hem-de «Atalanta» toparlarynyň hem tälimçileri üýtgedi. Paýtagtyň wekili «Roma» Klaudio Ranieriniň şertnamasynyň tamamlanmagyndan soň (möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşylypdy), onuň ornuna «Atalanta» toparynyň 9 ýyllyk tälimçisi Jan Piero Gasperinini wezipä belledi. 67 ýaşyndaky hünärmen rimliler bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Krotone» toparynda tälimçilige başlan Gasperini «Jenoa» toparynda meşhurlyk gazanypdy. Gysga wagtlyk «Interde» hem







işlän Gasperini «Palermo», şol sanda ýene-de «Jenoa» tälim berdi. Ol 2016-njy ýyldan bäri «Atalanta» toparyny türgenleşdirip gelýärdi. Ranieri «Roma» klubunda maslahatçy bolup işlär.

«Atalanta» toparynda Gasperininiň ornuna geçen möwsümiň 1-nji ýarymynda 3 aý töweregi «Romada», soňra Angliýada «Southempton» toparynda işlän horwatiýaly Iwan Ýuriç wezipä bellendi. 49 ýaşyndaky tälimçi bergamolylar bilen 2 ýyllyk ylalaşyk gazandy. Ýuriç Italiýada «Mantowa», «Krotone», «Jenoa», «Werona», «Torino» ýaly klublara-da tälimçilik edipdi.

**Toparyny «Serie A» çykaryp, özi «Serie B»-de galdy**

● «Serie B»-de «Piza» toparyna ikinjilik gazandyryp, 34 ýyldan soň «Serie A» çykaran tälimçi Filippo Inzagi klub bilen şertnamasyny ýatyrdy. 51 ýaşyndaky hünärmen täzeden 2-nji liga dolanyp, ol «Serie B»-de çykyş edýän «Palermo» toparynyň tälimçisi boldy. Italiýanyň milli ýygyndysynyň ozalky ýyldyz hüjümçisi 2-nji gezek bir topary «Serie A» çykardy. Ol mundan öň «Wenesiýany» 2017-nji ýylda «Serie C»-den «Serie B», 2020-nji ýylda-da «Benewento» toparyny taryhynda 2-nji gezek «Serie A» çykarypdy.

Tälimçilik karýerasyna 2014-nji ýylda futbolçylykda 11 ýyly-



ny geçiren «Milanda» başlan Inzagi «Wenesiýa», «Bolonýa», «Benewento», «Breşiýa», «Rejina», «Salernitano» hem-de «Piza» klublaryny türgenleşdirdi. Filipponyň 2 ýaş kiçi inisi Simone Inzagi hem tälimçi bolup, ol agasyna garanyňda, futbolçylygy pesräk geçen hem bolsa, tälimçilikde uly başarnyklara ýetdi. «Lasio» hem-de «Inter» toparlarynda degişlilikde, 5 we 4 ýyl işlän Simone Inzagi golaýda Saud Arabystanynyň «Al Hilal» topary bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy.

**«Tottenham» tälimçisini täzeledi**

● «Tottenham» klubuna 17 ýyldan soň ilkinji, UEFA-da bolsa 40 ýyldan soň ilkinji kubogyny gazandyran awstraliýaly Anže Postekoglu wezipesinden boşadylypdy. London şäheriniň wekili Postekoglunyň ornuna bellenen täze tälimçisini mälim etdi. «Tottenham» topary daniýaly hünärmen Tomas Frank bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol 2018-nji ýyldan bäri «Brentford» toparyna tälimçilik edip gelýärdi. «Tottenham» topary 51 ýaşyndaky tälimçiniň transferi üçin «Brentford» toparyna 10 million funt sterling tölär.



Tomas Frank 2021-nji ýylda «Brentfordy» «Premier Liga» çykaryp, şondan bäri klub şowly çykyş edip gelýär. Ol «Brentfordda» 317 oýnuň 132-sinde ýeňiş gazandy (108 ýeňliş, 77 deňlik). Frank «Brentforddan» öň «Brondbýu» toparyny türgenleşdiripdi.

Anže Postekoglunyň tälimçiliginde 40 ýyldan soň UEFA-da kubok gazanan, Ýewropa Ligasynyň çempiony bolan «Tottenham» topary geçen möwsümde çempionatda 17-nji orny eýeläpdi. Çempionatdaky şowsuzlyk Postekoglunyň topardan ugradylmagynyň esasy sebäbi hasaplanýar.

# Kewin de Bruýne «Napoliniň» düzümine goşuldy



Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň çempiony «Napoli» düzümini «Mançester Sitiden» gaýdan Kewin de Bruýne bilen güýçlendirdi. Italýan kluby 34 ýaşly ýyldyz oýunçy bilen 2+1 ýyllyk şertnama baglaşdy. Belgiýaly oýunçy «Napoliden» ýyllyk 5 million ýewro alar.

Ýurdunyň «Genk» klubunda futbola başlan De Bruýne «Çelsi», «Werder» hem-de «Wolfsburg» klublarynda oýnady. Ol 2015-nji ýylyň tomsunda «Mançester Siti» toparyna transfer bolup, bu ýerde dünýä ýyldyzyna öwrüldi. Şäherlileriň düzüminde 10 möwsüm çykyş eden De Bruýne 422 oýunda 108 gol geçirip, APL-de 119 asist etdi.

De Bruýne Belgiýanyň milli toparynda 111 oýunda 31 goly öz adyna ýazdyrdy.



# «Mançester Ýunaýted» braziliýaly hüjümçini transfer etdi

Angliýanyň «Mançester Ýunaýted» kluby ýurduň başga bir topary «Wulwerhemptonyň» braziliýaly hüjümçisi Mateus Kunýany düzümine goşdy. Mankunianlar 26 ýaşyndaky futbolçynyň transferi üçin möjeklere 62,5 million funt sterling tölär. Mateus Kunýa «Ýunaýted» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. 2,5 möwsüm «Wulwerhempton» toparynda oýnan Kunýa iňlis klubunda 92 oýunda 33 gol geçirdi.

Professional karýerasyna Şweýsariýanyň «Sion» toparynda başlan Kunýa «RB Salsburg», «Herta Berlin», «Atletik Madrid» klubunyň hem köýnekçesini geýdi.

Mateus Kunýa Braziliýanyň milli toparynda-da 15 oýunda 1 gezek tapawutlandy.

Ruben Amorimiň tälimçiliginde «Mançester Ýunaýted» geçen möwsümi birnäçe antirekordlar bilen 15-nji orunda tamamlady.

# Sane «Galatasaraýda» oýnar

Türkiýäniň çempiony «Galatasaraý» topary nemes kluby «Bawariýanyň» germaniýaly futbolçysy Leroý Saneni düzümine goşdy. Erkin agent ýagdaýyndaky 29 ýaşly futbolçy stambullylar bilen 3 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol türk klubunda 10-njy belgili köýnekçäni geýer. Sane «Galatasaraýdan» ýyllyk 9 million ýewro hak alar. 2014-nji ýylda «Şalkede» futbola başlan Sane 2016-2020-nji ýyllar aralygynda «Mançester Sitiniň» köýnekçesini geýdi. 5 möwsüm «Bawariýada» oýnan Sane bu toparda 220 oýunda 61 gol geçirdi. Ol Germaniýanyň ýygyndysynda-da 70 duşuşykda 14 gezek tapawutlandy.





